# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ ATA-BABALARYMYZYŇ YNSANPERWER ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR ŞERTLERI DÖREDÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
20-nji fewral, 2026. Belgisi 8/1678



# BÜTINDÜNÝÄ SAGLYGY GORAÝYŞ GURAMASY BILEN HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

**16-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebiti edarasynyň direktory Hans Klýugäni kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň parahatçylyk, raýdaşlyk we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek, BSGG hem-de BMG bilen hyzmatdaşlykda saglygy goraýyş diplomatiýasyny berkitmek boýunça yzygiderli tagallalary üçin döwlet Baştutanymyza Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň «Saglygy goraýyşda parahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagyny gowşurdy. Şeýle-de ol Arkadagly Gahryman Serdarymyzy 2026-njy ýylda Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda başlyklyk etmegi hem-de bu ýylyň Arkalaşygyň giňişliginde «Saglygy goramagyň ýyly» diýlip yglan edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, bu sylagy ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan işlere we gazanylýan netijelere Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan berilýän ýokary bahanyň ykrarnamasy hökmünde kabul edýändigini belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Hans Klýugäniň Türkmenistana saparynyň dowamynda gatnaşjak «Bütindünýä saglygy goraýyş çygrynda diplomatiýa boýunça ýokary derejeli dialog» atly okuw maslahatynyň saglygy goraýyş ulgamynda alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşmak we pikir alyşmak üçin möhüm mümkinçilik boljakdygyna ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, şol sanda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň döwlet syýasatynda ilatyň saglygyny goramak esasy wezipe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli saglygy goraýyş ulgamyny toplumlaýyn kämilleşdirmek boýunça giň gerimli özgertmeler yzygiderli durmuşa geçirilýär. «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, keselleriň öňüni almak, olary ýüze çykarmak we bejermek boýunça netijeli işler ýola goýulýar. Ýurdumyzda öňdebaryjy innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman saglyk öýleri, ýöriteleşdirilen hassahanalar, Arkadag lukmançylyk klasteri gurulýar.

Türkmenistanda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, sagdyn iýmitlenmek, temmäkä garşy göreşmek boýunça işler hem üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ugurda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy ýurdumyzyň ygtybarly we uzak möhletleýin hyzmatdaşy bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýola goýlan oňyn tejribeden ugur alyp, türkmen tarapynyň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebiti edarasynyň direktory Hans Klýuge birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

* * *

16-njy fewralda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynyň mejlisler zalynda «Bütindünýä saglygy goraýyş çygrynda diplomatiýa boýunça ýokary derejeli dialog» atly halkara okuw maslahaty öz işine başlady. Türkmenistanyň Hökümeti bilen Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň bilelikde guraýan forumyna iri halkara düzümleriň ýolbaşçylary, görnükli diplomatlar, sebitiň ýurtlarynyň Saglygy goraýyş ministrlikleriniň wekilleri, abraýly bilermenler gatnaşdylar. Şeýle ähmiýetli çäräniň Aşgabatda geçirilmegi ýurdumyzyň dünýä giňişliginde ynsanperwer ýörelgeleri ilerletmek boýunça işjeň ornunyň ykrarnamasydyr. Maslahat 18-nji fewralda tamamlandy.

## Türkmen kinosynyň 100 ýyllygy




Şu ýyl türkmen kinematografiýasy özüniň şanly 100 ýyllyk baýramyny dabaraly belleýär. Bir asyryň dowamynda uly ösüş ýoluny geçen milli kino sungatymyz bu günki gün täze mazmun we döwrebap çemeleşmeler bilen baýlaşdyrylýar. Bu şanly sene mynasybetli, Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan döredilen «Kompozitor» filmi halkara meýdançasynda uly seslenme döredip, türkmen kinosynyň abraýyny has-da belende göterdi.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň goldawy bilen «Kompozitor» çeper filmi diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara kinofestiwallarda-da ýokary baha mynasyp bolýar. ■ 2

## Ýaş robotçylaryň üstünligi



**14-16-njy fewralda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilen «IWISE Global Final 2026» halkara bäsleşigi ýurdumyzyň mekdep okuwçylarynyň uly ýeňşi bilen tamamlandy. Dünýäniň 400-den gowrak zehinli ýaşlarynyň gatnaşan bu abraýly bäsleşiginde ýurdumyzyň toparlary jemi 12 medal (2 altyn, 6 kümüş we 4 bürünç) eýelemegi başardylar.**

**Halkara ýaryşda uly üstünlikleri gazanan Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň robot tehnikasy boýunça gurnagynyň hem-de «Kämil bilim» okuw merkeziniň bu zehinli agzalaryna tejribeli mugallymlar Myrat Sähetgulyýew we Halil Kowusow ýolbaşçylyk etdi.** ■ 2

## Bitaraplyk şäherçesinde toýlar uludan tutuldy

**Şu ýylyň 13-nji fewralynda 2025-nji ýylda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Köneürgenç etrabynyň 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady we medeni taýdan ýokary görkezijileri gazanyp ýeňiji bolandygy barada hoş habaryň aýdylmagy etrabymyzyň bagtyýar ilatyny diýseň begendirdi, buýsandyrdy.**

Bilşimiz ýaly, ähli görkezijiler boýunça iň ýokary netijeleri gazanmaga gönükdirilen bu bäsleşik ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, sebitlerde ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak boýunça maksatnamalary amala aşyrmak üçin alnyp barylýan işleri höweslendirmek maksady bilen her ýyl guralýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýunyň halkara derejesinde toýlanan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» Köneürgenç etraby durmuş-ykdysady we medeni taýdan ýokary görkezijileri gazanmagy başardy. Şu mynasybetli geçen ýyl açylyp ulanylmaga berlen Köneürgenç etrabynyň Bitaraplyk şäherçesinde uludan toý tutuldy. Dabara Mejlisiň deputatlary, welaýat we etrap halk maslahatlarynyň agzalary, Kärdeşler Arkalaşyklarynyň milli merkeziniň, welaýat, etrap häkimlikleriniň ýolbaşçylary, jemgyýetçilik guramalarynyň, medeniýet ulgamynyň wekilleri, il sylagly ýaşulular, mährem eneler, etrabyň bagtyýar ilaty gatnaşdylar.



Medeniýet öýüniň öňünde sungat ussatlarynyň, teatr artistleriniň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy. Olar özleriniň hoş owazly aýdym-sazlarynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alnyp barylýan tutumly işleri, bagtyýar zamanamyzy, ýurdumyzyň dünýädäki at-abraýyny, 2026-njy – «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny belentden wasp etdiler. ■ 2

## Parahatçylygyň we dostlugyň ilçileri

**Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan daşary syýasat halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Parahatçylyk, ynanyşmak, dialog we durnukly ösüş bilen bagly öňe sürülýän halkara başlangyçlar ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň ýokary hünär derejesini aýdyň görkezýär.**

Her ýylyň 18-nji fewralynda ýurdumyzda möhüm hünär baýramlarynyň biri bolan Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni dabaraly ýagdaýda bellenilýär. Bu sene ýurdumyzyň daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirýän, Türkmenistanyň milli bähbitlerini halkara giňişliginde gorap, abraýyny dünýäde has-da belende göterýän diplomatlara goýulýan çuňňur hormatyň nyşanydyr.

Diplomatik gulluk döwlet gullugynyň iň jogapkärli ugurlarynyň biri bolup, çuňňur bilimleri, giň dünýägaraýşy, ýokary syýasy medeniýeti we Watana wepalylygy talap edýär. Türkmenistanyň diplomatik işgärleri häzirki wagtda dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen özara düşünişmäge, parahatçylykly dialoga we deňhukukly hyzmatdaşlyga esaslanýan gatnaşyklaryň ösdürilmeginde möhüm orun eýeleýärler.



Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň taryhy ösüşi Garaşsyzlygymyzyň gazanylmagy bilen berk baglanyşyklydyr. 1991-nji ýylda Garaşsyz döwlet hökmünde ýurdumyz özbaşdak daşary syýasatyny kemala getirmäge başlady. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyna agza bolmagy diplomatik gatnaşyklaryň ösüşinde möhüm tapgyr boldy. ■ 3

## Oraza geldi ilime



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eşretli durmuşda ýaşaýan bagtyýar raýatlarymyz üçin milli däp-dessurlary, tagat-ybadatlary berjaý etmäge ähli mümkinçilikler döredilendir. Bu gün ýurdumyzyň ähli metjitlerinde azan sesleri ýaňlanýar.

Oraza aýy musulmanlar üçin mukaddes hasaplanýan sabyr we rehimdarlyk döwri bolup, 18-nji fewraldan 19-njy marta çenli dowam eder. Bu aýda musulmanlar daň atanyndan Gün batýança iýip-içmekden saklanyp, agyz bekleýärler, agşam bolsa tarawa namazyny okaýarlar.

Remezan aýy haýyr-sahawat işleriniň we sabyrlylygyň aýydyr. Oraza arapça «sawm» sözi bilen aňladylýar. «Sawm» sözi «bir zatdan daş durmak, saklanmak, böwet bolmak» manylarynda ulanylýar. ■ 2

**Ýewropanyň täze howa meýilnamasy**
Ýewropa parlamenti Ýewropa Bileleşiginiň 2040-njy ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny 90 göterim azaltmagy göz öňünde tutýan kanuny makullady. ■ 4

**Dowamly ýadawlygyň sebäpleri**
Dowamly ýadawlyk zähmet çekmek ýa-da işlemek bilen bagly bolman, durmuş ýörelgeleriniň talabalaýyk berjaý edilmeginde goýberilýän käbir säwlikler bilen baglydyr. ■ 5

**Näme üçin piller arydan gorkýar?**
Piller örän ýatkeş we akylly jandar hasaplanýar. Äpet jandarlar suw içýän ýerini, iýmitlenýän meýdanyny we howply zatlary uzak wagtlap ýatda saklaýarlar. ■ 6

**UEFA Milletler Ligasynyň bijeleri çekildi**
UEFA Milletler Ligasynyň täze 2026/27 möwsüminiň bijeleri çekildi. Jemi 4 ligadan ybarat ýaryşda 54 ýygyndy bäsleşer. ■ 7

## Syýahatçylara mugt otly petekleri berler



Geçen ýyl Ýaponiýa baran syýahatçylaryň sany 42 milliondan geçip, rekord derejä ýetdi. Syýahatçylar, esasan, ýurduň belli ýerlerine has köp barýarlar. Ýurtda has az syýahat edilýän ýerlere hem syýahatçy çekmek üçin täze taslama durmuşa geçiriler. Syýahatçylygy ýurduň ähli ýerine deň paýlamak maksady bilen daşary ýurtlulara mugt otly petekleri berler. Şeýlelikde, myhmanlar has uzak ýerlere ygtybarlylygy we çaltlygy bilen meşhurlyk gazanan ýokary tizlikli «Shinkansen» otlulary bilen gidip bilerler.

Syýahatçylar, esasan, Tokio, Kioto, Osaka, Kobe we Hirosima ýaly şäherlere has köp barýar. Ilkinji nobatda, Fukuoka şäherinden Kagosima şäherine birtaraplaýyn otly petegi mugt berler. Şäherleriň arasynda 90 minut dowam edýän otly syýahatynda petegiň bahasy 11 müň 500 ýene (75 amerikan dollary) barabar.

**Wepa HAÝYDOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň borçnama boýunça harby gullukçysy, maýor.*

## Uçar önümçiligi artýar



Geçen ýyl dünýäniň ýolagçy uçaryny öndürmekde öňdebaryjylar hasaplanýan «Airbus» bilen «Boeing» kompaniýalarynyň haýsysy has köp uçar öndürdikä?! Nemes-fransuz kompaniýasy bolan «Airbus» 2025-nji ýylda 91 awiakompaniýa üçin jemi 793 uçary öndürip tabşyrypdyr. Kompaniýa ýylyň dowamynda 1 müň uçar sargydyny alypdyr. «Airbus» 2024-nji ýylda 766 uçary täze eýelerine gowşurypdyr. Öndürilýän modelleriň arasynda «A320-ler» has köp. Geçen ýyl jemi 607 sany A320, 93 sany A220 uçary öndürilipdir.

Amerikan uçar öndürijisi «Boeing» geçen ýyl 600 uçary öndürip, diňe dekabr aýynda 63 uçary täze eýelerine gowşurypdyr. Ýylyň 11 aýynda bolsa, 999 uçara sargyt alypdyr. Şeýlelikde, kompaniýa sargyt sany babatda «Airbus»-dan öňe geçdi.

**Bahar ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy.*

## Arassa energiýanyň önümçiligi ýokarlandy



Hytaýda fewral aýynda arassa energiýa önümçiliginde täze sepgide ýetildi. Ýurtda ilkinji gezek elektrik energiýasynyň önümçiliginde arassa energiýanyň paýy 52 göterime ýetip, gazylyp alynýan energiýa çeşmelerinden köp boldy. Maglumatda Gün we ýel beketlerine bimöçber maýa goýumyň goýberilýändigi bellenildi. Geçen ýyl ýurtda Gün we ýel beketleriniň umumy önümçilik kuwwaty 315 gigawat artdyryldy. Arassa energiýadaky artan önümçilik elektrik energiýasyna bolan islegden ýokary boldy.

Bu ýurtda deňizde, esasan, kenardan uzakda has uly ýel turbinalary gurulýar. Bu ýerlerde yzygiderli öwüsýän ýel üznüksiz elektrik energiýasyny öndürmäge mümkinçilik berýär.

**Güljeren BABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## 10 müň ýyllyk ýazgylar tapyldy



Sina ýarymadasynda has irki döwürlerde daşyň ýüzüne çekilen şekilleriň üsti açyldy. Müsüriň Syýahatçylyk we gadymylyklar ministrligi tarapyndan Umm Yrak düzlüginde mundan ozal belli bolmadyk, 100 metr meýdany eýeleýän giň taryhy meýdançanyň üstünden barlandygy mälim edildi. Bu ýerdäki adam eli bilen döredilen zatlaryň taryhy 10 müň ýyl bilen senelenýär. Daşlaryň ýüzünde gyzgylt reňkli haýwanlaryň şekilleri, dürli nyşanlar, nabati we arap dillerinde ýazylan ýazgylar bar. Gowagyň içindäki gadymy ojagyň galyndylary bolsa, irki döwürlerde bu ýeriň adamlaryň dürli howplardan goranmagy üçin gaçybatalga bolandygyny görkezýär.

Bilermenler bu açyşyň Müsüriň gadymy taryhy kartasyna goşulan täze möhüm halkalaryň biridigini we sebitiň «tebigy muzeýidigini» belleýärler.

**Şasenem ALLABERDIÝEWA,**
*Arkadag şäherindäki 7-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.*

## Bitaraplyk şäherçesinde toýlar uludan tutuldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra dabara gatnaşyjylar ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýetilen belent sepgitleri açyp görkezýän sergini synladylar. Sergide gelin-gyzlarymyzyň el işleri, milli şaý-seplerimiz, dokma önümlerimiz, oba hojalygy bilen bagly dürli görnüşli önümler we başga-da milli gymmatlyklarymyz giňden ýaýbaňlandyryldy. Soňra dabara gatnaşyjylar medeniýet öýüniň içinde duz-çörek bilen garşy alnyp, dabara mejlisler zalynda dowam etdi. Bu ýerde hormatly Prezidentimiziň 2025-nji ýylyň jemleri boýunça durmuş-ykdysady we medeni taýdan ähli görkezijiler boýunça iň ýokary netijeleri gazanan Köneürgenç etrabynyň ilatyna



iberen Gutlagynyň okalmagy dabaranyň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy. Soňra Köneürgenç etrabyna hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan 1 million amerikan dollary möçberindäki pul sowgady dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Dabarada Köneürgenç etrabyna şeýle Şa serpaýyny gowşurandygy üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize çuňňur hoşallyk sözleri beýan edildi. Döwlet derejesinde şeýle ýokary sylagyň berilmegi etrabyň bagtyýar ýaşaýjylaryny täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýandygy barada buýsançly çykyşlar diňlenildi. Soňra bu ýerde medeniýet we sungat işgärleri, döredijilik toparlary toý dabarasynyň şatlygyny has-da artdyrdy. Ýerine ýetirilen aýdymdyr sazlarda, tans hem-de halk döredijilik çykyşlarynda berkarar Watanymyzyň ösüşli menzilleriniň, halkymyzyň gazanýan beýik üstünlikleriniň, rowaçlyklara beslenýän eziz Diýarymyzyň at-abraýynyň, Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan beýik işleriniň waspy ýetirildi.

Şeýle ýokary derejeli döwlet sylagynyň gowşurylmagy Köneürgenç etrabynyň bagtyýar halkynyň begençli başyny göge ýetirdi. Munuň özi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýunyň toýlanjak taryhy ýylymyzda etrabyň agzybir ýaşaýjylaryny täze zähmet üstünliklerini gazanmaga ruhlandyrar.

Biziň her birimize yhlasly zähmet çekip, eşretli zamanamyzyň hözirini görüp ýaşamagymyz, ýurdumyzyň bedew batly ösüşlerine mynasyp goşant goşmagymyz ugrunda şeýle ajaýyp şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Mahmut ÝAZOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Oraza geldi ilime

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Oraza tutmak yslamyň bäş esasyndan biridir. Agyz beklemek üçin daň atmanka iýilýän nahar «suhur», Gün batandan soň agyz açmak bolsa «iftar» diýlip atlandyrylýar.

Her bir musulmanyň ýüreginde aýratyn orun eýeleýän mukaddes oraza aýy – agyz beklemegiň, päklenmegiň we haýyr-sahawatyň döwri ýetip geldi.



Oraza tutmak ynsanlara ybadaty berjaý etmegi, şepagatly bolmagy ündeýär, nebsine buýurmaga, ýaramaz endiklerden saklanmaga kömek edýär. Aslynda, adamlar bütin ýylyň dowamynda bolluk bilen iýip-içip ýaşaýarlar. Her ýylyň dowamynda oraza aýynda agyz beklese, ynsanyň saglyk ýagdaýy has berkäp, gurbaty artýar.

Bu aýda sadaka bermegiň, başgalara agyz açdyrmagyň, selälige turýanlaryň naharyny taýýarlamagyň hem uly sogaby bar. Pygamberimiz hadyslarynda: «Oraza tutuň, bedeniňiz berk we sagdyn bolsun!» diýipdir. Oraza ýagşy edep-ekramly bolmagyň tebibidir.

17-nji fewralda ýurdumyzyň ähli metjitlerinde mukaddes oraza aýynyň başlanýandygyny alamatlandyrýan tarawa namazy okaldy. Ol agzybirligiň, dostlugyň we ruhubelentligiň nyşany hökmünde bütin oraza aýynyň dowamynda okalar.

Mälim bolşy ýaly, oraza yslam senenamasynda aýratyn orun eýeleýär. Bu mukaddes aýda her bir musulman hoşniýetli we sogap işleri etmäge, birek-biregiň göwnüne degmezlige we günälerini geçmäge çalyşýar. Şu döwrüň maksady ynanç-ygtykaty berkitmekden, ruhubelentlik ýörelgelerine eýermekden, ahlak gymmatlyklaryna göz ýetirmekden, öz kemçilikleriňi düzetmekden ybaratdyr.

Bu aý her bir adamyň kalbynda iň gowy häsiýetleri oýarýan sahawatlylygyň we rehim-şepagatlylygyň döwrüdir. Adam ýagşy we asylly işleri amala aşyryp, daşymyzy gurşap alan dünýä bilen aýratyn sazlaşyk döredýär we ynamyny berkidýär. Şu mukaddes aýda Beýik Biribardan dileg edilip, sadakalar berilýär.

Mukaddes oraza aýynyň 26-syndan 27-sine geçilýän gije – Gadyr gijesi musulmanlar üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Gadyr gijesinde keramatly Gurhanyň ilkinji aýatlary iberilipdir.

Agyz beklemek aýy tamamlanandan soň, 20-nji martda mukaddes Oraza baýramy bellenilip geçiler. Goý, okalan aýat-dogalar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun, mukaddes oraza aýynyň her bir güni ruhubelentlikde geçip, ata Watanymyzyň parahatçylygynyň, ösüşiniň we rowaçlygynyň bähbidine çäksiz söýgä, rehim-şepagatlylyga we sogap işlere beslensin!

Orazaňyz kabul bolsun!

**Mamajan HAÝTMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*



## Türkmen kinosynyň 100 ýyllygy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Filmiň iň täze we iň iri üstünlikleriniň biri – Moskwada geçirilen «Göwher kebelek» (Diamond Butterfly) atly Açyk Ýewraziýa kino baýragynda gazanan ýeňşidir. Şeýle hem «Kompozitor» çeper filmi Türkmenistanyň Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň 100 ýyllygynyň dabaraly çärelerinde öňe saýlanyp, halkara derejede ykrar edildi. Film özboluşly sazlaşygy we taryhy mazmuny TÜRKSOÝ-yň ýörite baýraklaryna mynasyp boldy. Bu üstünlik türkmen kinosynyň ösüşiniň we dünýä ýaýylmagynyň täze menzillerini görkezýär.

Kino eserleriniň saz bezegi ugrunda gazanylan ýokary üstünlikler üçin kompozitor Kerim Berdimuhamedow «Ganatly altyn bedew» atly ýörite baýrak bilen sylaglandy. Onuň işi kino pudagynyň hünärmenleri, tankytçylary we halkara medeni jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha mynasyp boldy.

Umuman, bu filmi döretmäge režissýor Maksat Gylyjowyň ýolbaşçylygynda uly döredijilik topary gatnaşdy. «Kompozitor» tomaşaçylar tarapyndan mähirli garşylandy we ýokary baha mynasyp boldy.

**Amanmyrat KAKABAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Sanly ulgamyň aýratynlyklary

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň milli ykdysadyýetindäki döwrebap özgertmeler ýurdumyzyň at-abraýyny, şan-şöhratyny belende göterýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyz syýasy taýdan kämil, ykdysady taýdan kuwwatly, durmuş taýdan ösen döwletleriň hatarynda dünýäde giňden tanalýar.

Diýarymyzyň ähli ulgamlarynyň sazlaşykly ösmegi we özgermegi döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi ugrunda ýerine ýetirilen işleriň netijeli üstünlikleriniň aýdyň beýanydyr. Ähli ulgamlaryň ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylmagy, bilim ojaklarynda sanly tehnologiýalaryň, ýokary tizlikli internet ulgamynyň giňden ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda, şol sanda bilim babatda hyzmatdaşlyk edilýän daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleri, ylym-bilim merkezleri bilen uzak aralykdan sapaklar, wideoşekilli maslahatlar yzygiderli guralýar. Çünki ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara hyzmatdaşlygyny



işjeňleşdirmekde, alnyp barylýan bilim-terbiýeçilik, ylym, sport, medeni-köpçülik işlerini, ýurdumyzda amala aşyrylýan döwlet ähmiýetli özgertmeleri, ösüşleri giňden şöhlelendirmekde sanly bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak maksadalaýykdyr. Şonuň ýaly-da, ähli bilim edaralarynda sanly bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen dersler boýunça döwrebap elektron okuw-usuly toplumlar, elektron okuw kitaplary, okuw gollanmalary, wideo-audiomateriallar, interaktiw-multimediýa programmalary, okuw-görkezme esbaplary, maglumat kitapçalary döredilýär. Ýokary we ýörite orta okuw mekdeplerde elektron kitaphana gory yzygiderli baýlaşdyrylýar, dersler boýunça işlenip taýýarlanan döwrebap elektron okuw-usuly toplumlar köpeldilýär.

Geçilýän sapaklarda kompýuterlerden peýdalanmagyň aýratyn ähmiýeti bar. Kompýuteriň beýleki tehniki serişdelerden artykmaçlygy - uly göwrümli we dürli görnüşdäki maglumatlary hem-de tekstleri, çyzgylary, ses we şekil ýazgylaryny ýatda saklap, gaýtalap görkezip bilýänligindedir. Kompýuter islendik gerek maglumatlary ýadynda saklap, islendik wagtda okuw maksatlary üçin ulanmaga mümkinçilik berýär. Netijede, wagty tygşytly sarp edip, okuwçylar bilen özbaşdak işlemäge, her bir öwrenilýän zatlaryň täsirliligini artdyrmaga mümkinçilik döredýär.

Döwrebap derejede kämilleşdirilýän we öňdebaryjy tejribeler esasynda okadylýan okuwçylarymyzyň we talyplarymyzyň ussat hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda uly tagallalar edilýär. Bu ugurda döredilýän mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Bahar ROZYMYRADOWA,**
*Döwletli etrabyndaky 9-njy orta mekdebiň mugallymy.*

## Ýaş robotçylaryň üstünligi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bäsleşigiň iň ýokary baýragyna – Altyn medala şu okuwçylar mynasyp boldular:

Selim Begmyradow (Aşgabat ş., 7-nji orta mekdep).

Abdyljelil Patyşagulyýew (Aşgabat ş., 97-nji ýöriteleşdirilen orta mekdep).

Bu zehinli ýaşlar «Line Follower» ugry boýunça görkezen ýokary netijeleri üçin tutuş bäsleşigiň «Iň gowy topary» diýlip yglan edildi we olara ýörite baýrak gowşuryldy.

Bulardan başga-da, mekdep okuwçylarymyzyň birnäçesi öz ugurlaryndan ýokary ussatlyk görkezdiler.

Kümüş medala 6 okuwçy – Abdullah Annaýew («Line Follower»), Muhammedkasym Annaýew («Mini Sumo»), Saranur Annaýewa, Polat Saparow, Bilalkerem Berdiýew we Aýsenem Akmyradowa dagy mynasyp boldy.



Bürünç medala mynasyp bolanlar (4 sany): Ebubekir Berdiýew («Line Follower»), Muhammedulemin Annaýew («Maze/Labirint»), Rahman Garrygulow we Gurbanmuhammet Magtymgulyýew.

Şeýle hem Aşgabat şäherindäki 6-njy ýöriteleşdirilen orta mekdebiň okuwçysy Muhammedulemin Annaýew Eminleriň ýörite baýragyna mynasyp boldy.

«Bu ýeňiş mekdep okuwçylarynyň tehnologiýa dünýäsinde uly mümkinçiliklere eýediginiň aýdyň subutnamasydyr. Döredilýän şertlerdir mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys» diýip, Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň mugallymy Myrat Sähetgulyýew ýürek buýsanjyny beýan etdi.

**Gözel NURMÄMMEDOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň talyby.*

## Saglyk diplomatiýasy: ählumumy hyzmatdaşlygyň möhüm ugry

Häzirki wagtda dünýä bileleşigi diňe bir ykdysady we syýasy däl, eýsem, global saglygy goraýyş ulgamyndaky wezipeleri çözmekde hem tagalla edýär. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň döwlet syýasatynda ilatyň saglygyny goramak esasy wezipe bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli saglygy goraýyş ulgamyny toplumlaýyn kämilleşdirmek boýunça giň gerimli özgertmeler yzygiderli durmuşa geçirilýär. rahatçylygy, agzybirligi we diplomatiýany öňe sürmekde goşan goşandy üçin» atly ýörite sylagynyň gowşurylmagy hem aýdyň subutnamadyr.

Saglygy goraýyş diplomatiýasy diňe bir ylalaşyk däl, eýsem, adamzadyň geljegini goramak üçin gurlan ynam köprüsidir. Türkmenistan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen ýakyn hyzmatdaşlyk saklap, sebitde saglygy go-



Watanymyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek, sagdyn iýmitlenmek, temmäkä garşy göreşmek boýunça işler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ugurda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy ýurdumyzyň ygtybarly we uzak möhletleýin hyzmatdaşy bolup durýar. Saglygy goraýyş ulgamynda gazanylýan üstünlikler halkara guramalar, şol sanda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan yzygiderli ykrar edilýär. Muňa döwlet Baştutanymyza Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň «Saglygy goraýyşda pa- raýyş diplomatiýasynyň ösmegine uly goşant goşýar. Aşgabatda geçirilýän halkara maslahatlar hem munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýokary derejeli dialogyň netijeleri halkara hukugynyň we saglygy goraýyş syýasatynyň utgaşmagynyň zerurdygyny ýene bir gezek subut etdi. Geljekde bu ugurdaky hyzmatdaşlyk «Bir dünýä – bir saglyk» konsepsiýasynyň durmuşa geçirilmegine itergi berer.

**Leýli BÄŞEKOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Bahar paslyny sagdyn geçiriň!

Her paslyň özüne mahsus geçiş döwri bolýar. Mysal üçin, gyş paslynda çyglylyk artyp, howa sowaýan bolsa, ýaz paslynyň gelmegi bilen howa maýlap, tebigat lälezarlyga bürenýär. Ot-çöpleriň janlanmagy, dürli ysly gülleriň açylmagy köp adamda allergiýa alamatlarynyň ýüze çykmagyna getirýär. Allergiýa käwagt tutuş bedende, käte bolsa bedeniň belli bir böleginde döräp bilýär. Allergiýanyň ýüze çykmagynda we güýçlenmeginde daşky gurşawyň hem täsiri uludyr. Adamyň immuniteti bedeni mikroblardan, bakteriýalardan we wirusdan goraýar. Adam bedeni aşa duýgur bolup, käbir zyýanly maddalary gyjynmak, gyzarmak we çişmek arkaly ýüze çykarýar. Hünärmenler bahar allergiýasynyň ösümliklerden bölünip çykýan tozanlaryň (polen) köpelmegi bilen bagly döreýändigini belleýärler. Gözüň gyzarmagy we gijemegi; burnuň akmagy we dowamly asgyrmak; bokurdagyň we gulagyň gijemegi; ýadawlyk we ysgynsyzlyk bahar allergiýasynyň esasy alamatlary bolup, munuň öňüni almak üçin käbir şertleri berjaý etmeli.

Ilki bilen ösümlikleriň tozanlanma döwründe daşary çykmakdan, agaçly we otly meýdanda gezelenç etmekden saklanmaly. Arylaryň we kebelekleriň ýerine ýetirýän tozanlandyrma möwsümi mart aýynyň ahyryna gabat gelýär. Gülleriň ysyna allergiýasy bolan adamlar, esasan hem, irden güllän agaçlaryň we ösümlikleriň golaýyna barmakdan saklanmaly.

Bahar allergiýasy bolanlar mart we aprel aýlarynda öýüň penjiresini hem-de ulagyň aýnasyny açmakdan saklanmaly. Sebäbi şemalyň täsiri bilen içeri köp mukdarda polen girýär.

Ýaz paslynyň gelmegi bilen ýygy-ýygydan ýuwunmaly. Esasan hem, daşardan gelnenden soň, el-ýüzüňi sabynlap ýuwmagy endik etmeli. Egin-eşigiňde we saçyňda köp mukdarda ösümlik tozgalarynyň ýapyşýandygyny göz öňünde tutup, öýe gireniňden soň eginbaşyňy çalyşmaly. Ýygy-ýygydan egin-eşikleriňi ýuwmaly.

Allergiýadan saplanmak köplenç uzak wagt we sabyrlylyk talap edýär. Şol sebäpli



immuniteti güýçlendirmek üçin kadaly iýmitlenmeli, wagtly-wagtynda dynç almaly we köpräk arassa suw içmeli. Witaminlere baý gök önümleri hem-de miweleri köpräk iýmeli.

Bahar allergiýasy 2-3 hepdeden köp dowam etse, hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly. Maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, lukmanyň gözegçiliginde allergiýa garşy derman serişdelerini almaly.

**Hangeldi ROZYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň harby meýdan terapiýasy kafedrasynyň müdiri.*

## «Uçýan» gämi deňiz syýahatyny ýeňilleşdirdi

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda 2024-nji ýylda ilkinji gezek ulanylyp başlanan «uçýan» gämi amatlylygy sebäpli ýolagçy gatnawynda giňden ulanylyp başlandy. Golaýda geçirilen barlaglara görä, elektrik energiýasy bilen işleýän gäminiň howanyň hapalanmagyny hem azaltmaga kömek edendigi bellenildi. 14 adany öz içine alýan Stokgolm şäheri tebigy taýdan deňiz syýahaty üçin amatly şert döredýär. Şäherde 50-den gowrak köpri bar. Köp ýolagçy adalaryň arasynda syýahat etmek üçin uly ýolagçy gämilerinden peýdalanýar. «Candela P-12 Shuttle» atly gämi bolsa, ýyndamlygy we arassa energiýadan peýdalanýandygy bilen tapawutlanýar. Ýolagçy gämileri Ekerö bilen şäher merkeziniň arasyny 55 minutda geçýän bolsa, «Candela» bu aralygy 30 minutda geçýär.

Gäminiň astynda ganatlar bolup, suw ulagynyň tizligi artdygyça, ýokary galýar. Bu bolsa, gäminiň suw bilen galtaşygyny kesip, sürtülmäni aradan aýyrýar. Şeýlelikde, gämi az energiýa sarp edýär.



Köpçülikleýin önümçiligi ýola goýlan bu gämileriň Berlin we Mumbaý şäherlerinde, Maldiw adalarynda hem-de Tailandda ulanylmagy göz öňünde tutulýar.

**Şasüleýman GURBANSÄHEDOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Ewereste çykmak üçin täze düzgün giriziler

Nepalyň Syýahatçylyk edarasynyň wekili Himal Gautam Ýeriň iň beýik nokady bolan Ewereste çykmak üçin täze düzgüniň giriziljekdigini mälim etdi. Täze düzgünde dag gerişleriniň arassa saklanmagy we daga dyrmaşyjylara kömek edýän işgärlere (şerpa) goldaw berilmegi göz öňünde tutulýar. Ýurtda hereket edýän kanunçylyga görä, daga dyrmaşmaga isleg bildirýänler öňünden arassaçylyk üçin 4 müň dollar töleýärler. Yzyna gelenden soňra, ol ýerde zir-zibil taşlamadyk bolsa, puly yzyna gaýtarylyp berilýär.

Her ýyl 400-den gowrak adam günorta ugur bilen dagyň çür depesine çykmak üçin rugsat alýar. Tejribesiz adamlar insiz ýodalarda dyknyşygyň döremegine sebäp bolup bilýär. Şol sebäpli, täze düzgünde ozal azyndan 7 müň metrlik daga dyrmaşyp görendigini subut edýän resminamasy bolanlaryň Ewereste çykmagyna rugsat



berler. Milli parlamentde kabul edilen çözgüt ýurduň ýokarky palatasyndan geçenden soňra güýje girer.

**Bahargül LALLYKOWA,**
*«Ahaltelekom» welaýat elektrik aragatnaşyk kärhanasynyň Babadaýhan etrap aragatnaşyk bölüminiň hünärmeni.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 20-si, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118138

Belgisi: 8/1678
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Nebitgaz pudagynyň kärhanalarynyň önümçilik kuwwaty artdyrylýar

Türkmenistan döwletimiz ösüş-özgerişleriň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Durmuş-ykdysady görkezijileriň ýokarlanmagy halkyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen milli maksatnamalaryň netijeliliginiň görkezijisidir.

Ýakynda 2025-nji ýylda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde berlen hasabata görä, «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan nebit çykarmagyň meýilnamasy 108,6 göterim, nebiti gaýtadan işleýän zawodlar tarapyndan nebiti gaýtadan işlemegiň meýilnamasy bolsa, 108,8 göterim boldy. Benzin öndürmegiň meýilnamasy 108,1 göterim, dizel ýangyjyny öndürmegiň meýilnamasy 101 göterim, nebit bitumyny öndürmegiň meýilnamasy 284,6 göterim, barha ösýär. Tebigy gazy gaýtadan işleýän täze kärhanalaryň gurulmagy bilen, çig maly has çuň gaýtadan işleýän ýokary netijeli önümçilikler döredildi.

Mälim bolşy ýaly, nebit himiýa senagatynyň möhüm binýady bolup durýar. Bu gymmatly çig mal lybaslary, aýakgaplary, plastik önümleri, boýag serişdelerini, metallurgiýa üçin elektrodlary öndürmekde peýdalanylýar. Tehniki we durmuşda ulanylýan serişdeleri – örtüjileri, paketleri, kommunikasiýa turbalaryny, elektrik kabelleri örtüjileri öndürmek üçin çig mal hökmünde ulanylýan türkmen polietileni ýokary islegden peýdalanýar. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy we Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawody nebitgaz senagatynyň gerimini giňeltmekde wajyp orny eýeleýär.



çalgy ýaglaryny öndürmegiň meýilnamasy 100 göterim, tebigy we ugurdaş gazy çykarmagyň meýilnamasy bolsa 101,7 göterim berjaý edildi. Şeýle-de suwuklandyrylan gazy öndürmegiň ösüş depgini 105,2 göterime deň boldy.

Umuman, ýurdumyzyň nebit-gaz işgärleriniň tutanýerli zähmeti netijesinde uly üstünlikleriň gazanylandygyny ynam bilen aýdyp bileris.

Häzirki wagtda Türkmenistan tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň hataryna girýän kuwwatly energetika döwleti bolmak bilen, iri nebitgaz kompaniýalary we abraýly maliýe düzümleri bilen işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak arkaly göni energiýa hyzmatdaşlygynyň gerimini giňeldýär. Ýangyç-energetika toplumynyň wajyp binýadyny emele getirýän gaz senagaty Diýarymyzyň senagat önümçiliginiň möçberiniň ýarysyndan gowragyny eýeleýär. Häzirki wagtda gaz pudagynda önümçiligiň ähli tapgyrlarynda ýokary tehnologiýalary ulanmak arkaly täze ýataklary gözlemek, baha bermek we senagat taýdan özleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar. Gazy gaýtadan işleýän pudak hem leýär. Netijede, wodorod ýangyjynyň, bioýangyjyň, ýokary oktanly awtoulag benzininiň, uçar, ýşyklandyryş we tehniki kerosiniň, suwuklandyrylan gazyň, dürli görnüşli dizel ýangyjynyň, tehniki çalgy ýaglaryň, polipropileniň, gyzdyrylan elektrod koksunyň, ýol we gurluşyk bitumynyň önümçilikleri ýola goýuldy.

Üstümizdäki ýylda hormatly Prezidentimiz tarapyndan pudagyň öňünde goýlan esasy wezipeleriň hatarynda tebigy gazyň daşarky bazarlara iberilýän möçberini artdyrmak we ugurlaryny köpeltmek, nebit ýataklaryny netijeli özleşdirmek, nebitgaz pudagynyň kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny artdyrmak üçin döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak, «Galkynyş» gaz känini tapgyrlaýyn özleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek ýaly möhüm wezipeler goýuldy. Bu wezipeler ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm pudagyny has-da ösdürmäge uly goşant bolar.

**Ogulniýaz ANNATAGANOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# PARAHATÇYLYGYŇ WE DOSTLUGYŇ ILÇILERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şondan bäri ýurdumyz halkara hukugynyň doly hukukly subýekti hökmünde dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygy giňeldip gelýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly ýörite Kararnamany kabul etdi. Bu ýurdumyzyň halkara-hukuk derejesini tassyklaýan, dünýä tejribesinde deňi-taýy bolmadyk ilkinji resminamadyr. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda bolsa, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde ikinji gezek, 2025-nji ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda üçünji gezek biragyzdan kabul edilmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynyň taryhyndaky iň möhüm wakalaryň biridir. Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ýurdumyzyň halkara syýasatyndaky aýratyn ornuny kesgitledi. Häzirki wagta çenli Türkmenistan 8 gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynda wise-başlyklyga saýlandy hem-de ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 30-a golaý Kararnama kabul edildi. Bu wakalar ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň uly üstünligi bolup, Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik syýasatynyň halkara derejesinde ykrar edilen nusgasyna öwrüldi. Parahatçylyk söýüjilik, açyklyk, oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň gündelik işinde esasy ýol görkeziji bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň diplomatik gullugynda hünärmenleriň taýýarlygyna aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurtda diplomatik işgärler diňe bir nazary bilimler bilen çäklenmän, eýsem, amaly başarnyklary we halkara gatnaşyklaryň häzirki zaman gurallaryny özleşdiren hünärmenler hökmünde taýýarlanýar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty Türkmenistanyň diplomatik işgärlerini taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi bolup, hünärmenleriň taýýarlygynda daşary ýurt dillerini kämil öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Diplomatlar türkmen, rus we iňlis dillerinden başga-da gündogar dillerini (arap, pars, türk, hytaý, ýapon), Ýewropa dillerini (fransuz, nemes, ispan) öwrenýärler. Diňe ýaş işgärler däl, eýsem, tejribeli diplomatlar hem yzygiderli okuwlara çekilýär. Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň ýanyndaky diplomatik kurslar arkaly gullukda duran işgärler dünýädäki täze syýasy meýiller, sanly diplomatiýa we protokol kadalary boýunça öz bilimlerini artdyrýarlar.



Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň diplomatik gullugy yzygiderli ösdürildi, daşary ýurtlardaky ilçihanalaryň we konsullyk edaralarynyň ulgamy giňeldildi, ýokary hünärli diplomatlar kemala getirildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň diplomatik işgärleri dünýäniň köp döwletinde üstünlikli zähmet çekip, syýasy, söwda-ykdysady, energetika, ulag, ekologiýa hem-de medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge saldamly goşant goşýarlar.

Türkmenistanyň diplomatik işgärleri diňe bir daşary ýurtlarda däl, eýsem, ýurduň içinde hem halkara forumlaryň, maslahatlaryň, duşuşyklaryň üstünlikli geçmegini üpjün edýärler. Şeýle çäreler Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ýurdumyzyň ösüş mümkinçilikleri bilen tanyşmagyna şert döredýär.

18-nji fewral Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni hökmünde bellenip, bu ugurda zähmet çekýän ähli hünärmenlere, weteran diplomatlara hem-de ýaş işgärlere tüýs ýürekden gutlaglar aýdylýar. Olaryň Watana wepalylygy, jogapkärçiligi we ýokary hünär derejeleri ýurdumyzyň halkara abraýynyň has-da belende göterilmegine hyzmat edýär.

Goý, Türkmenistanyň diplomatik gullugy mundan beýläk-de döwletimiziň daşary syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirip, parahatçylykly, durnukly we ynanyşmaga esaslanýan halkara gatnaşyklaryň ösdürilmegine mynasyp goşant goşsun.

**Akmyrat AŞYROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*

# ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY ÖSÜŞI: TÄZE MÜMKINÇILIKLER WE DÖWREBAP ÜSTÜNLIKLER

Türkmenistan özüniň ägirt geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerinden, hemişelik Bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasatyndan we şöhratly taryhyndan ugur alyp, ägirt uly ykdysady özgertmeleri durmuşa geçirýär. Döwletimiz öz ykdysady nusgasyny emele getirmek bilen, ony dünýä hojalygyna girizmek arkaly milli bähbitlerimizi goramagy özüniň esasy wezipesi hökmünde kesgitleýär. Netijede, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde ykdysady taýdan kuwwatly, adamlaryň ýaşaýyş-durmuşy üçin ähli mümkinçilikleriň döredilen senagat döwletine öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň ýakynda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde berlen hasabatlara görä, ýurdumyzyň ykdysadyýetinde durnukly ösüşler gazanyldy. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» we «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. 2026-njy ýylyň maýa goýum maksatnamasyna laýyklykda, üstümizdäki ýylda jemi içerki önümiň ösüş depginini 6,3 göterimde saklamak, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny, ýurdumyzyň sebitlerini durnukly ösdürmek, önümçilik kärhanalaryny doly güýjünde işletmek, täze kärhanalary gurmagyň hasabyna 5 müň 300-e golaý täze iş ornuny döretmek, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 72,9 göterime ýetirmek, şeýle hem 2026-njy ýylda ýurdumyzyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna



jemi 41,2 milliard manada golaý maýa goýumlary gönükdirmek meýilleşdirilýär.

2025-nji ýylda jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim, şol sanda senagatda 1,8 göterim, söwdada 9,6 göterim, oba hojalygynda bolsa 7 göterim boldy, maýa goýumlar 6 göterim artdy. Iri we orta kärhanalarda jemi 7 müňe golaý täze iş orny döredildi. Bu ykdysady görkezijiler ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň okgunly ösüşini görkezýär.

Häzirki döwürde dünýä döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini artdyrmak, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmak, söwda hyzmatlaryny kämilleşdirmek, esasan-da, halkyň sarp edýän harytlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmak Türkmenistanyň söwda ulgamynyň öňünde durýan esasy wezipelerdir. Diýarymyzyň içerki bazarynda haryt dolanyşygynyň barha artdyrylýan möçberi halkyň abadançylygynyň hem-de ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanýandygynyň subutnamasydyr. Şunuň bilen baglylykda, milli söwda ulgamynda bölek we lomaý söwdany dolandyrmaga, alyjylara edilýän hyzmatlary kämilleşdirmäge gönükdirilen döwrebap sanly tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Eziz Diýarymyzyň önümçilik pudaklarynda we hyzmatlar bazarynda sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanylýar. Dükanlarda, şol sanda internet söwda dükanlarynda sanly ulgama degişli häzirki zaman enjamlary we programma üpjünçiligi tapgyrlaýyn ornaşdyrylýar. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek, harytlarymyzyň eksport edilýän möçberini artdyrmak boýunça hereket edýän kanunçylyga degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek babatda hem degişli işler amala aşyrylýar.

**Baýramtäç ORAZTAGANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Dünýä uzaýan ak ýollar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň ulag ulgamy soňky ýyllarda ýurduň ykdysadyýetiniň iň çalt ösýän we strategik taýdan möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. «Gündogar – Günbatar» we «Demirgazyk – Günorta» ugurlarynyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz bu babatda uly ösüşler gazanýar.

Häzirki zaman dünýäsinde durnukly ösüşi we halkara parahatçylygy üpjün etmegiň iň täsirli gurallarynyň biri ulag diplomatiýasydyr. Ulag diplomatiýasy döwletiň geografik artykmaçlyklaryny halkara hyzmatdaşlygynyň bähbidine ulanmak, täze üstaşyr geçelgelerini döretmek we bu ugurda halkara kadalaryny kämilleşdirmek boýunça alyp barýan yzygiderli syýasatydyr.

Geçen 2025-nji ýylda Awtomobil, demir ýol, howa, deňiz, derýa ulaglary arkaly ýükleri daşamagyň ösüş depgini 100,7 göterime, ýolagçy gatnatmagyň ösüş depgini bolsa 159,8 göterime barabar boldy. Şol döwürde Demir ýol ulaglary ministrligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüş depgini 107,3 göterime, Awtomobil ulaglary ministrligi boýunça 116,2 göterime, «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugy boýunça 108,6 göterime, Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy boýunça 110,5 göterime deň boldy.



Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň barha artýan häzirki döwründe ýol-ulag düzümi hem barha kämilleşdirilýär. Bu ugurdaky özgertmeleri täze basgançaga götermek maksady bilen, ýakynda Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrliginiň döredilmegi ýurdumyzyň ulag-logistika mümkinçiliklerini giňeltmekde taryhy ädim boldy.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Diýarymyz halkara ulag geçelgeleriniň möhüm çatrygyna öwrülýär. Ýurdumyzyň ähli künjeklerini gurşap alýan döwrebap awtomobil ýollary, köprüler we estakadalar diňe bir ykdysady baglanyşygy däl, eýsem, sebitleriň durmuş-ykdysady taýdan pajarlap ösmegini hem üpjün edýär.

Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrliginiň döredilmegi ýurdumyzda hereket edýän ýol-ulag düzümleriniň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmekde, şeýle hem täze ýol-ulag düzümleriniň gurulmagynda möhüm başlangyçdyr. Soňky ýyllarda amala aşyrylýan iri taslamalar ýurdumyzyň dünýäniň ulag kartasyndaky ornuny berkidýär. Aýratyn hem, ýurdumyzyň taryhynda iň uly taslamalaryň biri bolan Aşgabat-Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy milli ýol gurluşygynyň kuwwatyny görkezýär. Üstümizdäki ýylda bu möhüm taslamanyň ahyrky tapgyry bolan Mary-Türkmenabat böleginiň açylmagy bolsa, türkmen ýol gurluşykçylarynyň gazanan nobatdaky üstünligi bolar.

Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrliginiň işe başlamagy ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçiliklerini doly ulanmaga, täze iş orunlaryny döretmäge we Türkmenistanyň dünýä derejesindäki logistik merkez hökmünde abraýynyň has-da artmagyna hyzmat eder. Bu bolsa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ak ýollarynyň dowamata atarylýandygynyň nyşanydyr.

**Dünýägözel KERTIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň inžener-mehanika fakultetiniň fizika kafedrasynyň mugallymy.*

## EDEBIÝAT

*Maksim Gorkiý: «Mark Twen adamzat tebigatyny iň oňat bilýän ýazyjy we ruhlandyryjy söz ussadydyr».*

# Andersen baýragynyň dalaşgärleri – 2026

Çagalar edebiýatynyň «Nobel baýragy» hasaplanýan «Gans Hristian Andersen adyndaky altyn medala» 2026-njy ýylda şu aşakdakylar dalaş ederler: ýazyjylar Ahmad Akbarpur (Eýran), Mariýa Hose Ferrada (Çili), Timoti de Fombel (Fransiýa), Li Gym (Koreýa Respublikasy), Pem Munýos Raýan (ABŞ), Maýkl Rozen (Britaniýa), şeýle hem illýustratorlar – Beatris Alemanýa (Italiýa), Linda Bondestam (Finlýandiýa), Saý Gao (Hytaý), Gundega Muzikante (Latwiýa), Walid Taher (Müsür) we Mariýa Wernike (Argentina).

Andersen baýragynyň metbugat gullugynda bellenilişine görä, ähli dalaşgärler şu wagta çenli gazanan hünär üstünlikleri we işleriniň çagalar hem-de ýaşlar üçin aktuallygy boýunça bahalandyryldy. Halkara çagalar kitaplary geňeşiniň (International Board on Books for Young People, IBBY) eminler toparynyň başlygy Şerin Kreýdiniň belleýşi ýaly, finalistleriň sanawynda edebi we çeper ussatlygyň iň ýokary derejesi hem-de zehinleriň dürlüligi şöhlelenýär.




Iki ýeňijiniň ady 2026-njy ýylyň 13-nji aprelinde Bolonýada geçiriljek Halkara çagalar we ýaşlar edebiýaty ýarmarkasynda, IBBY-niň ýyllyk metbugat maslahatynda yglan ediler. 2026-njy ýylda Andersen baýragyna «öz ýurtlarynda çagalar edebiýatynyň ösmegine uly goşant goşan» we IBBY bölümleri tarapyndan saýlanan 76 sany dalaşgär hödürlendi.

Gans Hristian Andersen adyndaky baýrak 1956-njy ýylda döredildi, ol çagalar we ýaşlar edebiýaty ugrunda iň ýokary halkara sylagydyr. Baýrak IBBY tarapyndan iki ýylda bir gezek hünär durmuşyndaky ajaýyp üstünlikleri üçin berilýär we ýazyja hem-de illýustratora tutuş döredijilik ýoly üçin (aýratyn bir kitap üçin däl), çagalar we ýaşlar edebiýatyna goşan möhüm we dowamly goşandy üçin gowşurylýar.

Dalaşgär ýazyjylaryň arasynda Haýns Ýaniş (Awstriýa), Mari-Od Muraý (Fransiýa), Sao Wenşuan (Hytaý), Astrid Lindgren (Şwesiýa), Miçio Mado (Ýaponiýa) we Tuwe Ýansson (Finlýandiýa) bar. Ýeňiji illýustratorlaryň arasynda Sidni Smit (Kanada), Sýuzi Li (Koreýa Respublikasy), Rojer Mello (Braziliýa), Farşid Mesgali (Eýran), Kweta Paçowskaýa (Çehiýa) we Moris Sendak (ABŞ) bar.

*Mark TWEN, amerikan ýazyjysy.*




Meniň täze edinen ajaýyp, jübi sagadym bir ýarym ýyllap yza-da galman, öňe-de gitmän takyk işläp durdy. Şol döwrüň içinde onuň togtan wagty bolmandy. Netijede, men onuň görkezýän wagtyna asla ýalňyşsyz, onuň ýaşaýyş güýjüne we gurluşyna ebedi zat hökmünde garap başladym. Ýöne ahyrsoňy bir gije oňa tow bermegi unudypdyryn. Men muňa örän gynandym, ýöne basym köşeşdimde, sagadymy, takmynan, dogry wagta sazladym we her dürli ýakymsyz duýgulary özümden kowmaga çalyşdym.

Ertesi sagadymy sazlatmak üçin iň gowy sagat ussahanasyna bardym. Edaranyň başlygynyň hut özi sagady elimden alyp, ony gözden geçirip başlady. Az salym dymyşlykdan soň: «Sagat dört minut yza galýar – sazlaýjyny ýerinden süýşürmeli» diýdi. Men onuň sözüni bölüp, sagadyň şu wagta çenli dürs işländigini aýtmakçy boldum. Ýöne ol hiç zat diňlemek islemedi, diňe sagadyň dört minut yza galýandygyny, şol sebäplem sazlaýjyny hökman ýerinden gozgamalydygyny bilýärdi. Şeýlelikde, onuň daşyndan aýlanyp sagadyma degmezligi haýyş edýärkäm, öz gara pyglyny hötjetlik hem-de rehimsizlik bilen amala aşyrdy.

Indi sagadym çalt işläp başlady. Bir hepdeden soň-a sagadymyň dilleri, edil tutgaýly ýaly, howlugyp, çarp urmaga durdy, ýürek urgusy bolsa 150-ä ýetdi. Iki aýdan soň şäherdäki beýleki sagatlaryň ählisini uzakda galdyryp, senenamadan hem on üç gün gowrak ozdurdy oturyberdi. Oktýabryň ýapraklary şahalardan tänip howada gaýmalaşýarkalar, sagadym eýýäm noýabryň garyna şatlanýardy. Ol öý kireýiniň tölemeli wagtyny, ýyllyk hasabatlary we şuňa meňzeş ähli ýagdaýlary şeýle bir çaltlyk bilen golaýlaşdyrýardy welin, men muňa çydap bilmedim. Sagat ussasynyň ýanyna gitdim, ol şu wagta çenli sagadymyň bejergide bolup-bolmanyny sorady. Oňa «ýok» diýip jogap berdim, sebäbi häzire çenli ony bejertmek zerurlygy çykmandy. Ussanyň gözleri begençden ýaňa uçganaklady, dessine sagadyma ýapyşyp, ony gyssanmaç sökmäge durdy.

Ol gözüne kiçijik ulaldyjy aýna dakdy-da, sagadyň «içgoşuny» synlap başlady. Ol sagadyň diňe sazlaýjysyny sazlamagyň ýeterlik däldigini, üstesine arassalap, ýaglamalydygyny-da nygtady, şol sebäplem ýene bir hepdeden gelmegi tabşyrdy. Sagat arassalanyp ýaglanandan soň şeýle bir haýal ýöräp başlady welin, onuň «jykgyldysy» matam jaňyny ýatladýardy. Men indi münjek otlyma gijä galyp, işewürlik duşuşyklary sypdyryp, hatda günortanlyk naharyna-da wagtynda gelmän başladym. Sagadym üç günlük gijikdirmäni dört güne uzaldansoň, meniň wekselimiň (töleg hatymyň) möhlediniň geçmegine sebäp boldy. Şeýdip, bu äm-sämlikde wagtdan yza galyp, geçen hepdede galanymy duýman galypdyryn. Tizara, ýeke özümiň heniz geçen hepdäniň orta gürpünde aýlanyp ýörendigime, bütin älemiň bolsa öňe gidip, gözümden ýitendigine düşündim. Gursagyma näbelli, bulaşyk duýgy aralaşanyny duýdum – muzeýdäki faraonyň mumýasyna bolan dostanalyk duýgusy ýaly bir zat, üstesine-de şol faraon bilen söhbetdeş bolup, häzirki günleriň nogsanlyklary hakynda gürrüň edesim geldi. Men ýene-de sagat ussasynyň ýanyna gitdim. Ol gözümiň alnynda sagadyň «içgoşuny» tutuş sökdi-de, daş gabynyň çişendigi üçin ony bejermäge ýene üç günüň gerekdigini aýtdy.

Şondan soň ahyrky netijede şeýle diýip aýdyp bolýan bolsa, sagadym o diýen erbedem işlemedi. Ol ýarym günläp elinden gelenini gaýgyrman: üsgürip, asgyryp, üýrüp, garaz, şeýle bir howlugyp işledi welin, men öz sesimem eşitmedim. Bu dyngysyz goh tamamlanýança Amerikadaky sagatlaryň hiç birem onuň yzyna eýerip bilmedi. Ýöne günüň ikinji ýarymynda şeýle bir haýallaýardy welin, yzda galan sagatlaryň ählisi onuň yzyndan ýetýärdi. Günüň ahyrynda bolsa olar pellehana takyk wagtda gelýärdiler, şonuň üçin hem, umuman aýdanyňda, hemme zat ýerbe-ýerdi. Ol doly we dogry bir ortaça netije görkezýärdi, hiç bir adam onuň öz borjundan artykmaç ýa-da pes işländigi barada hiç zat diýip bilmezdi. Ýöne ortaça gowy edilen işi uly üstünlik hasaplap bolmaýar, onda-da sagat barada gürrüň gidende, şonuň üçin hem men ony başga bir sagat ussasyna alyp gitdim.

Olam sagadyň pružinasynyň döwlendigini aýtdy. Men bolsa muňa örän şatdygymy, ondan has beterräk bozulmalaryň bolaryndan gorkandygymy aýtdym. Dogrymy aýtsam, men ol närsäniň nämeliginden düýbünden habarym ýokdy, ýöne ýat adama özümiň öte sadadygymy görkezip bilmezdim ahyryn. Ussa sagadyň pružinasyny bejerdi, ýöne sagat bu tarapdan ýeňiş gazandy diýsegem, galan ähli zatlarda ýeňildi. Ýagny ol indi islese işläp, islese durup, garaz, öz meýline görä hereket edip başlady. Her gezek işläp başlanda, ol atamyň köne tüpeňi ýaly ses çykarýardy. Men gursagyma pagta goýdum, ýöne ahyrynda çydaman birnäçe günden soň sagady başga bir ussa alyp gitdim.

Ol bütin mehanizmi bölekläýin açdy, olaryň könelişen böleklerine ulaldyjy äýnek bilen göz gezdirdi, soňra-da diliniň näsaz bolmagynyň ähtimaldygyny aýtdy. Ussa ony düzedip, sagada täzeden tow berdi. Indi sagat gowy işleýärdi, eger-de 10-a on minut galanda, sagadyň dilleri edil gaýçy ýaly biri-birine sepleşip, şol sepleşigi bilen hereket edýärler diýmeseň. Dünýäniň iň akylly adamy-da indi sagadyň näçedigini bilip biljek däldi, şol sebäpdenem ýene-de ony bejertmäge alyp gitmeli boldum. Ussa sagadyň kristalynyň bükülendigini, şeýle-de hereketlendiriji pružinanyň gyşarandygyny aýtdy. Şeýle hem ol mehanizmiň bir böleginiň düýpli abatlamaga mätäçdigini belledi.

Ussa aýdanlarynyň ählisini boldum edensoň, sagadym esli wagt asuda işläninden soň wagtal-wagtal içindäki ähli gurallar güýçli hereket edip, edil arylar ýaly «wyzzyldap» başlaýardylar, üstesine-de dilleri şeýle bir çalt ýöreýärdi welin, onuň sanlary kerebiň aňyrsyndan görünýän ýalydy. Ol geljekki 24 sagady 6-7 minudyň içinde geçip, soňra ala-zenzele bolup togtardy. Maňa hernäçe agyr degýänem bolsa, sagat ussasyna gitdim we ýene-de ony parçalaýşyny synladym.

Muňa çydam edip bilmän, sagat ussasyny gaty berk soraga çekmek isledim, sebäbi mesele örän çynlakaýdy. Sagadyň öz bahasy iki ýüz dollardy, ýöne bejertmek üçin iki-üç müň dollar çykdy. Sagat ussasyny synlaýarkam, onuň köne tanşymdygyny – gämi ussasydygyny tanadym, özi hem ol işine ökde däldi. Ol edil beýleki sagat ussalarynyň edişi ýaly, sagadymyň ähli böleklerini birbirden ünsli synlap, uly ynam bilen öz hökümini çykardy:

– Muňa bug goýberip, goraýjy klapanyna ýene bir nurbat towlamaly boljak!

Bu adamyň akylsyzlygy meniň şeýle bir gaharymy getirdi welin, ondan gutulmak üçin islendik puly tölemäge, hatda depesine berip sesini kesmäge-de taýýardym.

Meniň merhum daýym Wilýam şeýle diýerdi: «Gowy at guduraýança gowy atdyr, gowy sagat bolsa sagat ussalarynyň eline düşýänçä gowy sagatdyr». Ol hemişe: «Emelsiz, işi ugruna bolmadyk mis ussalaryna, ädikçilere, mehaniklere ýa-da demir ussalaryna ahyrynda näme bolýarka?» diýip geň galardy; ýöne muňa hiç kim jogap berip bilmezdi.

**Terjime eden Käbe SARENKO,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň dramaturgiýa taýýarlygy ugrunyň talyby.*

# «Jeýms» romany dünýäni haýran galdyrýar

Amerikan edebiýatynyň nusgawy eseri bolan Mark Tweniň «Geklberri Finniň başdan geçirmeleri» romanyna täzeçe garaýyş hökmünde ýazylan Persiwal Ewerettiň «Jeýms» atly romany häzirki wagtda dünýäniň iň köp satylýan kitaplarynyň sanawynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Persiwal Ewerett bu eseriň üstünde birnäçe ýyllap işledi we roman ilkinji gezek 2024-nji ýylyň mart aýynda çap edildi. Ýöne kitabyň dünýä derejesindäki meşhurlygy 2025-nji ýylyň dowamynda we 2026-njy ýylyň başynda iň ýokary sepgide ýetdi.




Awtor Mark Tweniň 1884-nji ýylda ýazan meşhur romanyndaky esasy wakalary üýtgetmän, ony başga bir rakusdan – garawulçylykda saklanýan gul Jeýmsiň gözi bilen täzeden gürrüň berýär.

«Jeýms» romanynyň gysga wagtyň içinde dünýä belli bolmagynyň birnäçe sebäbi bar; Tweniň asyl nusgasynda Jim «sada we akylsyz» ýaly görünýän bolsa, Ewerettiň kitabynda ol örän sowatly, pelsepeçi we emeli usulda öz akyl-paýhasyny gizleýän çylşyrymly gahryman hökmünde görkezilýär.

Kitap çykan badyna «The New York Times» we «The Guardian» ýaly neşirler tarapyndan ýokary baha berildi. Eser 2024-nji ýylda Buker baýragynyň gysga sanawyna girdi we ABŞ-nyň Milli kitap baýragyna eýe boldy. Bu bolsa okyjylaryň gyzyklanmasyny has-da artdyrdy. Bu barada dünýäniň iň abraýly edebiýat žurnaly «Literary Review» ýazýar.

Häzirki wagtda bu kitap onlarça dile terjime edilip, eýýäm onuň esasynda film surata düşürmek boýunça işler alnyp barylýar.

**Mergen GURBANNAZAROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, podpolkownik.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Parlament saýlawlary geçiriler.** Prezident Waagn Haçaturýan Ermenistanyň Milli ýygnagyna nobatdaky saýlawlaryň 2026-njy ýylyň 7-nji iýunynda geçiriljekdigi baradaky Permana gol çekdi. Parlament Respublikasy bolan ýurtda saýlawlaryň netijesi diňe bir deputatlary däl, eýsem, täze hökümeti we Premýer-ministri hem kesgitlär. Bu möhüm syýasy waka Ermenistanyň geljekki ösüş ugurlaryna we döwlet dolandyryşyna gönüden-göni täsir eder.




**Hindistanyň iň belent binasy.** Mumbaýda gurlan 301 metrlik 91 gatly «Minerva Tower» ýaşaýyş jaýy resmi taýdan Hindistanyň iň belent gökdiräni boldy. «Architect Hafeez Contractor» býurosy tarapyndan gurlan bu bina öňki harabaçylygyň ýerinde döwrebap ýaşaýyş gurşawy emele getirdi. Podium arkaly birleşen iki diňden ybarat desganyň 362 öýi Arabystan deňzine we at aýlawyna ajaýyp görnüş açýar.



**Rekord bahadan satyldy.** Mikelanjelonyň täze tapylan çyzgysy «Christie's» auksionynda 27,2 million amerikan dollaryna satylyp, suratkeşiň işleri üçin täze rekord goýdy. Gyzyl galam bilen çekilen eser Watikandaky Sikstin kapellasynyň freskalary üçin döredilen 50-ä golaý deslapky çyzgylaryň biridir. Hünärmenler eserde liwiýaly Siwillanyň aýagynyň dabanynyň şekillendirilendigini anykladylar. Nýu-Ýorkda geçirilen söwdada eseri satyn alanyň ady gizlin saklandy.



**TrumpRx: Arzan derman portaly.** ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp dermanlary amatly bahadan tapmaga kömek edýän döwlet saýtyny açdy. Platformada derman satylmaýar, emma ulanyjylar ýörite kuponlary ýükläp alyp, hyzmatdaş dermanhanalardan ýa-da göni öndürijiden dermanlary arzan bahadan satyn alyp bilýärler. Häzirki wagtda platformada 40-a golaý derman serişdesi bolup, bu ädim ABŞ-nyň gymmat derman bazaryny kadalaşdyrmaga hyzmat eder.



**Pişikler – ykdysadyýetiň täze güýji.** Tailandyň hökümeti we «Nikkei Asia» žurnaly pişik söýüjiler bazarynyň 10,66 milliard amerikan dollaryna ýetendigini mälim etdi. Bir pişik üçin aýlyk çykdajy 101-197 dollara ýetip, bu görkeziji itleriňkiden ýokary boldy. Köp gatly ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan ilat pişik saklamagy has amatly görýär. Bu pudak häzirki wagtda ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy hereketlendirijileriniň biri hökmünde ykrar edildi.



**Mugallymyň uly üstünligi.** Hindistanly mugallym Rubl Nagi 800-den gowrak hünär we bilim merkezini döredendigi üçin Dubaýda 1 million amerikan dollarlyk «Global Teacher Prize» baýragyna mynasyp boldy. Onuň bu başlangyjy 1 milliondan gowrak çaganyň bilime elýeterliligini üpjün etdi. Nagi baýrak puluny mugt hünär öwredýän täze institutyň gurluşygyna sarp etjekdigini aýtdy.



**Hytaýyň täze robotlary.** 2026-njy ýylyň hytaý gala-konsertinde «Unitree» we «Galbot» ýaly robotlar çylşyrymly akrobatik tanslary ýerine ýetirerler. Täze hereketleri 30 minutda öwrenýän «akylly» enjamlar eýýäm bir çykyş üçin 430-720 dollar aralygynda hak gazanýarlar. Hünärmenler ýakyn günlerde emeli aň arkaly has kämil modelleriň peýda boljakdygyny we pudagyň çalt ösýändigini belleýärler.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1872-nji ýylyň 20-nji fewralynda Nýu-Ýorkda dünýäniň iň uly sungat ojaklarynyň biri bolan Metropoliten muzeýi açyldy. Muzeýiň düýbi hünärmenleriň hem-de hemaýatçylaryň goldawy bilen tutuldy. Muzeýiň ilkinji sergisi Ýewropadan satyn alnan 174 sany suratdan ybaratdy. Häzirki wagtda bolsa, muzeýiň «Central Park»-daky ägirt uly binasynda dünýäniň dört künjeginden getirilen hususy kolleksiýalar görkezilýär.**



# ÝEWROPANYŇ TÄZE HOWA MEÝILNAMASY

**Ýewropa parlamenti Ýewropa Bileleşiginiň 2050-nji ýyla çenli «klimat bitaraplygyna» ýetmek ugrundaky ýolunda täze aralyk maksady – 2040-njy ýyla çenli ýyladyşhana gazlarynyň zyňyndylaryny 90 göterim azaltmagy göz öňünde tutýan kanuny makullady.**

**10-njy fewralda kabul edilen bu resminama esasynda zyňyndylaryň derejesi 1990-njy ýyl bilen deňeşdiriler. Emma kanunçylykda käbir ýeňillikler hem bar: 2036-njy ýyldan başlap, agza döwletler zerur bolan azaltmagyň 5 göterimine çenli bölegini beýleki ýurtlardan «emissiýa sertifikatlaryny» satyn almak arkaly ýapyp bilerler. Bu bolsa hakykatda içerki zyňyndylaryň 85 göterim azaldylmagynyň ýeterlik boljakdygyny aňladýar.**

**Täze karara görä, binalar we ulag ulgamlary üçin emissiýa söwdasynyň başlanmagy bir ýyl yza süýşürilip, 2028-nji ýyla geçirildi. Ýewropa Komissiýasy bellenen maksatlara ýetilişini her iki ýyldan barlap durar we ylmy-tehnologik ösüşlere görä täze teklipleri girizer.**

**Bu ädim 2015-nji ýylyň Pariž ylalaşygynyň global maýlamany 1,5 derejede saklamak baradaky talaplaryna gabat gelýär. ÝB mundan ozal 2030-njy ýyla çenli zyňyndylary 55 göterim azaltmagy, 2050-nji ýyla çenli bolsa, doly «klimat bitaraplygyna» ýetmegi kanun tarapyndan berkidipdi.**

**2040-njy ýyl üçin bellenen 90 göterimlik sepgit ÝB-niň Klimatyň üýtgemegi boýunça ylmy-maslahat beriş geňeşiniň maslahatlaryna esaslanýar. Bilermenler ýyladyşhana gazlarynyň (esasan hem, kömürturşy gazy) howanyň üýtgemegini çaltlandyrýan esasy faktordygyny belläp geçýärler.**





## Şanhaý dünýäniň iň uly bäşliginde

24 million ilaty bolan Şanhaý şäheri 816,2 milliard amerikan dollary möçberindäki jemi içerki önümi (JIÖ) bilen Nýu-Ýork, Tokio we Los-Anjelesden soň dünýäniň iň täsirli bäş megapolisiniň hataryna girdi.

Şäheriň häkimi Gun Çjen ýyllyk plenar mejlisde ykdysadyýeti Belgiýanyňky bilen deňleşen bu megapolisiň ählumumy maliýe, söwda we gämi gatnawy merkezi hökmündäki ornuny ýokarlandyrýandygyny mälim etdi. Şanhaýyň ösüş we özgertmeler akademiýasynyň habar bermegine görä, şäher 2025-nji ýylda ilkinji gezek JIÖ boýunça dünýä şäherleriniň arasynda bäşinji ýeri eýeledi.

Häzirki wagtda munisipal hökümet ofşor maliýe ulgamyny döretmek mümkinçiligini öwrenýär we ýuan bilen amala aşyrylýan serhetüsti tölegler ulgamyny çaltlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde, daşary ýurt kompaniýalarynyň öňdebaryjy önümçilige we «ýaşyl» taslamalara maýa goýmagy höweslendirilýär. Şu ýyl şäheriň ylmy-barlag çykdajylary JIÖ-niň 4,6%-ini tutýar.

Şanhaýyň maliýe we ösüş institutynyň direktory Şao Ýunyň sözlerine görä, eksportyň güýçli ösmegi we paýnamalar bazary şäheriň 2025-nji ýyldaky kynçylyklara garşy durmagynda esasy güýç boldy. Şäher administrasiýasy 2026-njy ýyly 2035-nji ýyla çenli goýlan «halkara megapolise» öwrülmek maksatlaryna ýetmekde wajyp döwür hasaplaýar.

## LDP-niň TARYHY ÝEŇŞI

Ýaponiýanyň parlamenti Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) lideri Sanae Takaitini 8-nji fewralda geçirilen saýlawlarda LDP-niň ynamly ýeňiş gazanmagyndan soň, ýurduň Premýer-ministri wezipesine täzeden saýlady. Bu barada «Kyodo» habarlar agentligi habar berýär.

Nobatdaky 150 günlük parlament sessiýasynyň öňüsyrasynda Takaitiniň Kabineti, Konstitusion proseduranyň talap edişi ýaly, doly düzümde işinden çekildi. Şondan soň ol Wekiller palatasynyň mejlisinde täzeden Premýer-ministr wezipesine saýlandy.

Hökümetiň düzüminde üýtgeşmeleriň bolmagyna garaşylmaýar. Takaiti 18-nji fewralda metbugat maslahatyny geçirip, öz syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlaryny beýan etdi.

Geçen saýlawlarda LDP parlamentiň aşaky palatasyndaky 465 orundan rekord derejedäki 316-syny eýeledi. Bu bolsa ýurduň soňky taryhynda ýeke-täk partiýanyň durnukly köplügi gazanan ilkinji ýagdaýy boldy.

Täze hökümetiň esasy ünsüni ykdysady durnuklylygy pugtalandyrmaga we sanly ulgamy ösdürmäge gönükdirjekdigi bellenilýär.



Mundan başga-da, Takaiti halkara gatnaşyklarynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy dowam etdirjekdigini nygtady. Syncylaryň pikiriçe, LDP-niň bu taryhy ýeňşi ýurtda syýasy durnuklylygyň täze tapgyryna badalga berer.

## «Disney»-de täze direktor bellendi

«Walt Disney Co.» kompaniýasynyň direktorlar geňeşi häzirki wagtda dynç alyş seýilgähler bölümini dolandyrýan Joş D'Amarony kompaniýanyň baş ýerine ýetiriji direktory wezipesine bellemek barada ses berdi.

Kompaniýanyň metbugat beýanatynda bellenilişi ýaly, 54 ýaşly D'Amaro 18-nji martda, ýagny, «Disney»-iň paýdarlarynyň her ýylky ýygnagynyň geçiriljek güni bu wezipä bellener. Ol şol ýygnakdan soňra haýal etmän, direktorlar geňeşiniň düzümine hem goşular.

D'Amaro iki ýyllyk arakesmeden soň 2022-nji ýylyň ahyrynda baş ýerine ýetiriji direktor wezipesine dolanyp gelen 74 ýaşly Bob Aýgeriň ornuny tutar. Mundan ozal ol kompaniýa 2005-nji ýyldan 2020-nji ýyla çenli ýolbaşçylyk edipdi. Aýger diňe iki ýyllyk möhlet bilen «Disney»-e dolanmagy meýilleşdiripdi, emma onuň ornuny tutjak adamy gözlemek işi uzaga çekdi. Ol 2026-njy ýylyň 31-nji dekabrynda pensiýa çykýança «Disney»-iň direktorlar geňeşiniň agzasy bolup galar.

28 ýyl bäri «Disney»-de işläp gelýän D'Amaro häzirki wagtda seýilgähler, myhmanhanalar we syýahatçylyk gämileri ýaly iň uly ugra ýolbaşçylyk edýär. 2025-nji maliýe ýylynda bu bölümiň girdejisi 36 milliard amerikan dollaryna deň boldy.



## Bangladeşiň MILLI PARTIÝASYNYŇ ÝEŇŞI

13-nji fewralda Bangladeşiň Milli partiýasy (BMP) parlamentdäki orunlaryň köpüsini eýeläp, saýlawlarda resmi taýdan ynamly ýeňiş gazandy.

Sesler gutarnykly sanalandan soň, BMP-niň we onuň hyzmatdaşlarynyň parlamentdäki 299 orundan 212-sini eýeländigi belli boldy. Yslam birleşigi (Jamaat-e-Islami) bolsa 77 orun aldy. 17-nji fewralda Bangladeşiň Milli partiýasynyň (BMP) ýolbaşçysy Tarik Rahman parlamentde kasam kabul etdi we resmi taýdan ýurduň Premýer-ministri wezipesine girişdi.

Mundan ozal, häzirki bir palataly parlamentdäki 300 orun ugrunda 2 müňden gowrak dalaşgäriň we 50-ä golaý partiýanyň bäsleşendigi habar berlipdi. Saýlawlar bilen bir wagtda ýurtda syýasy özgertmeler boýunça sala salşyk hem geçirildi. Bu özgertmeler parlamentiň ýokary palatasynyň döredilmegini öz içine alýar. Sala salşykda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň köpüsi ýurtda teklip edilýän özgertmeleri, hususanda, parlamentiň ýokary palatasynyň döredilmegini makullady.



## Global Günortanyň ilkinji EA forumy

16-njy fewralda Hindistanyň paýtagty Nýu-Deli şäherinde «India AI Impact» sammiti öz işine başlady. Global Günortada ilkinji gezek geçirilýän bu giň gerimli forumda BMG-niň agentlikleri ösüp barýan ýurtlarda emeli aňy (EA) ornaşdyrmak boýunça öz başlangyçlaryny tanyşdyrdylar.

Şu gün – 20-nji fewralda öz işini tamamlaýan bu sammit 2023-nji ýylda Beýik Britaniýada we 2025-nji ýylda Fransiýada geçirilen EA howpsuzlygy hem-de hereketleri boýunça halkara forumlaryň logiki dowamy boldy. Foruma BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş we onuň sanly ulgam we öňdebaryjy tehnologiýalar boýunça ýörite wekili Amandip Gill gatnaşyp, dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni möhüm meselelere çekdiler.

Amandip Gilliň bellemegine görä, Günorta-Gündogar Aziýa, Afrika we Hindistan ýaly sebitler emeli aňyň elýeterliligini goldamak arkaly eýýäm öňdebaryjy ädimleri ädýärler.

### Halkara hyzmatdaşlyk we ösüş

Düýn, 19-njy fewralda sammitiň iň täsirli pursatlarynyň biri boldy: BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş forumda çykyş edip, emeli aňyň dolandyryşda, innowasiýalarda we durnukly ösüşde tutýan ornuna ünsi çekdi.

Sammitiň dowamynda FAO, WFP, ÝUNISEF, BSGG we ÝUNESKO ýaly BMG-niň iri agentlikleri EA-nyň azyk howpsuzlygy, saglygy goraýyş we bilim ulgamlaryndaky amaly peýdalaryny görkezýän çäreleri geçirdiler.




Nýu-Delide geçirilen «India AI Impact» sammiti halkara düzgünleşdirme ýolunda hem-de tehnologiýalaryň has elýeterli bolmagynda möhüm tapgyr hasaplanýar.

Bu forum diňe bir tehnologik täzelikleri görkezmek bilen çäklenmän, eýsem dünýädäki sanly aratapawudy aradan aýyrmak üçin täze hyzmatdaşlyk ýollaryny hem açdy. Şeýlelikde, sammitiň netijeleri geljekde emeli aňyň ynsanperwer maksatlar üçin has netijeli ulanylmagyna itergi berer.

## ABŞ-nyň iň güýçli innowatorlary

«Forbes» žurnalynyň maglumatlaryna görä, amerikaly işewürler Ilon Mask, Jeff Bezos we Bill Geýts 250 sany esasy amerikan innowatorlarynyň sanawynda ilkinji üç orny eýelediler.

«Ilon Mask taryhda dürli pudaklarda bäş sany köpmilliarderlik kompaniýany esaslandyran ilkinji ynsandyr. Jeff Bezos Amerikanyň bölek söwda senagatyny düýpgöter üýtgetdi, bulut hasaplamalary ulgamynda öňdebaryjy boldy, adamyň Aýa dolanmagy we emeli aňyň ösdürilmegi bilen meşgullanýar. Bill Geýts bolsa kompýuter ulgamynda we «Microsoft» programma üpjünçiliginde uly ösüş gazanyp, Hindistanda ysmaz keseliniň öňüni almaga kömek eden sahy ynsana öwrüldi» diýlip, reýtingiň ilkinji üç ornunyň eýeleri baradaky beýanatda aýdylýar.

Žurnalyň iň gowy sanawyna «Ýyldyz söweşleri» (Star Wars) filmler toplumynyň režissýory Jorj Lukas, «Nvidia»-nyň ýerine ýetiriji direktory Jensen Huang, «OpenAI»-yň ýolbaşçysy Sem Altman, «Nike» egin-eşik öndürijisiniň esaslandyryjysy Fil Naýt we beýleki meşhur işewür-innowatorlar hem girdiler.



# HYTAÝDAN AFRIKA SÖWDA ÝEŇILLIGI

**Hytaý Halk Respublikasy 2026-njy ýylyň 1-nji maýyndan başlap özara diplomatik gatnaşyklary bolan Afrika döwletleriniň 53-sinden import edilýän harytlar üçin gümrük paçlaryny doly ýatyrar. Bu karar HHR-niň Başlygy Si Szinpin tarapyndan yglan edildi.**

**Degişli beýannama HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň Täze ýyl (Aý senenamasy boýunça) mynasybetli Afrika Bileleşiginiň Başlygy Žoau Lourensuwa we AB-nyň Komissiýasynyň başlygy Mahmud Ali Ýusufa iberen gutlag hatynda beýan edilýär.**




**Hytaýyň Baştutany şeýle hem Pekiniň ösüşe gönükdirilen ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky hemmetaraplaýyn ylalaşygy baglaşmak boýunça gepleşikler tapgyryny işjeňleşdirmegi maksat edinýändigini belledi. Bu başlangyjyň maksady Afrika degişli önümleriň Hytaýyň içerki bazaryna girmegini has-da ýeňilleşdirmekden ybaratdyr. Afrika ýurtlaryndan gelýän ýükler üçin «ýaşyl geçelge» iş amallaryny ösdürmek wada berildi.**

**– Hytaýyň ýokary derejeli açyklygy giňeltmek boýunça bu täze çäreleri, şübhesiz, Afrikanyň ösüşi we modernizasiýa baradaky Hytaý-Afrika arzuwynyň amala aşyrylmagy üçin täze mümkinçilikleri döreder – diýip, HHR-iň Başlygy Si Szinpin sözüniň üstüni ýetirdi.**

**Hytaýyň Baş gümrük müdiriýetiniň statistikasyna görä, 2025-nji ýylda Hytaý bilen Afrika ýurtlarynyň arasyndaky özara söwda dolanyşygy 17,7% ösüş görkezip, 348,05 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Şunda hytaý harytlarynyň Afrika yklymyna eksporty 25,8% ýokarlanyp, 225,03 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Afrikanyň önümleriniň HHR-e importy bolsa 5,4% artyp, 123,02 milliard amerikan dollaryna barabar boldy.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.




# AWSTRALIÝANYŇ ÖWŞÜN ATÝAN GAÝASY

Awstraliýanyň meşhur ýerleriniň biri bolan Uluru gaýasy özboluşly görnüşi bilen görenleri haýran galdyrýar. Sähralyga taşlanan daşa meňzeýän bu gaýa günüň dowamynda birnäçe gezek daşky görnüşini üýtgedip, dürli reňkde öwşün atýar. Çägeden we dürli minerallardan emele gelen bu depe Uluru – Kata-Týuta milli seýilgähiniň çäginde ýerleşýär. 1873-nji ýylda üstünden barlan bu gaýa başgaça «Aýers Rok» hem diýilýär. 346 metr beýiklikdäki Ulurunyň umumy aýlawy 9,4 kilometre barabar bolup, uzynlygy 3,6 kilometre, ini 1,9 kilometre ýetýär. Bu depä başgaça monolit gaýa hem diýilýär.

Uluruda ýaşaýan gadymy taýpalaryň biri bolan aborigen halky üçin mukaddes ýerleriň biri hasaplanýan bu ýerde däp-dessurlar, milli dabaralar geçirilýär. 1994-nji ýylda Uluru – Kata-Týuta milli seýilgähi

ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi. Olga dagy ýa-da Olgas diýlip atlandyrylýan Uluru gaýasy milli seýilgähiň 25 kilometr günbatarynda ýerleşýär.



Iň gadymy ýerleriň – ýadygärlikleriň biri hasaplanýan Uluru depesiniň emele gelşi barada dürlüçe pikirler bar. Käbir adamlar bu depäni hyýaly güýçler bilen baglanyşdyrýan bolsalar, köpler bu gaýanyň tebigy ýagdaýda emele gelendigine ynanýarlar. Bilermenler agramy, takmynan, 1,5 millard tonna ýetýän Uluru gaýasynda 4 million tonna çägäniň we mineral daşlaryň bardygyny çaklaýarlar. Aborigen däp-dessurlaryna görä, bu depä diňe erkek adamlaryň çykmagyna rugsat berilýär. Emma 1964-nji ýyldan 2019-njy ýyllar aralygynda Uluru gaýasyna jahankeşdeleriň uly toplumy, zenanlar hem çykdylar. Uluru depesine çykmak 2019-njy ýyldan başlap bütinleý ýapyldy.

Aşa yssy howasy bolan Uluru gaýasyna her ýyl müňlerçe syýahatçy barýar. Awstraliýanyň iň uly gaýasy bolan Uluru depesine awtoulagly baryp bolýar. Syýahatçylar açyk meýdanda çadyr dikip, gaýanyň üýtgäp durýan täsin görnüşini ýakyndan synlaýarlar. Uluru gaýasy Gün şöhlesiniň düşüşine baglylykda, irden, günortan, öýlän we agşamara sary, gyzgylt, gülgün, mämişi we naryňç reňklerde şöhle saçýar. Bilermenler munuň sebäbini gaýanyň düzümindäki köp sanly minerallar bilen baglanyşdyrýarlar. Gaýany ýakyndan synlamak üçin Awstraliýa gitmegiň iň amatly wagty maý we sentýabr aýlary hasaplanýar. Bu ýerde syýahatçylar üçin Gün ýaşyp barýarka düýeli we welosipedli gezelençler guralýar.

# MILANYŇ «DIK TOKAÝY»

Dünýäniň moda paýtagty bolan Milana barýan syýahatçylar ilki bilen «dik tokaýy» synlamaga howlugýarlar. Milanda 2014-nji ýylda gurlup gutarylan daşy tokaýa bürenen iki sany ýaşaýyş jaýy görenleri haýran galdyrýar. Italýan arhitektory Stefano Boeri tarapyndan taslamasy işlenip düzülen bu jaýlaryň her gatynyň eýwanlarynda gögerip oturan agaçlar bar. Şäherde ekologiýa abadançylygyny ösdürmek hem-de şähere bezeg bermek maksady bilen ýan-ýana gurlan ýaşyl ýaşaýyş jaýlarynyň biriniň beýikligi 112 metre, beýlekisiniň beýikligi 80 metre ýetýär. Jaýlar, degişlilikde, 24 we 17 gatdan ybarat bolup, jemi 113 öý bar. Iki jaýda jemi 800 agaç, 5 müň düýp gyrymsy agaç, 15 müňden gowrak dürli ösümlikler ösýär. Ýer örtügi hem-de kislorod bilen doly derejede üpjün edilen «dik tokaý» adamlar bilen bir hatarda, 1 müň 600-den gowrak guşlaryň we kebelekleriň ýaşaýyş merkezine öwrüldi. Milanyň ýaşyl jaýlary ulanyşa berleni bäri köp sanly baýraklara we sylaglara mynasyp boldy.









# Dowamly ýadawlygyň sebäpleri

**Dowamly ýadawlyk zähmet çekmek ýa-da işlemek bilen bagly bolman, durmuş ýörelgeleriniň talabalaýyk berjaý edilmeginde goýberilýän käbir säwlikler bilen baglydyr. Adatça, ýadawlygyň esasy sebäbi az uklamak bilen düşündirilýär. Ýöne dowamly ýadawlygyň başga-da birnäçe sebäbi bar.**

■ **Ertirlik iýmezlik.** Her günki energiýa ertirlik nahar edinmek bilen başlanýar. Irden turanyňyzda energiýany ertirlik edinmek arkaly täzelemeseňiz, uzakly gün ýadawlyk bilen başagaý bolup geçersiňiz. Ýumurtga, gatyk, däneli çörek ýaly beloga we ösümlik ýagyna baý önümler ertirlik nahary üçin iň gowy iýmitlerdir.

■ **Sporty yza süýşürmek.** Ýadawlykdan dynmagyň iň amatly usuly sport bilen meşgullanmakdyr. Eger-de sport bilen meşgullanmagy yza süýşürýän bolsaňyz, özüňizi dowamly ýadaw duýarsyňyz. Hepdede azyndan 3 gün 20 minutlap maşk etmeli. Sebäbi sport bedeniň güýjüni we çydamlylygyny artdyryp, ýürek-damar ulgamynyň işini gowulandyrýar.

■ **Suwy ýeterlik içmezlik.** Bedeniň kabul etdigiçe agyz suwuny içmeli. Suwsuzlyk ganyň goýalmagyna, myşsalara we beden agzalaryna barýan kislorodyň tizliginiň peselmegine getirýär.

■ **Demre baý önümleri az iýmek.** Demir ýetmezçiliginde adam özüni ejiz duýup, ünsi jemlemek ukyby peselýär. Bedene gerek bolan demir zerurlygyny guş etini, ýumurtga, ýaşyl ýaprakly gök önümler, nohut we hoz iýmek arkaly dolup bolýar.

■ **Sussupes bolmak.** Elmydama bolup biläýjek ýakymsyz ýagdaýlar hakynda pikir etseňiz, içki tolgunyşyk zerarly aňyňyz ýadar. Şeýle zatlar barada pikir eden badyňyza, uludan dem alyň we munuň bolmajak zatdygyna özüňizi ynandyryň! Gowy zatlar hakynda pikir etmek içki tolgunmalary ýeňip geçmegiň iň gowy ýoludyr.

■ **Artykmaç iýmit iýmek.** Şeker hem-de düzüminde uglewodlar saklaýan iýmitler iýlende gandaky şeker çalt ýokarlanýar we çalt aşak düşüp, ýadawlyk duýgusyny döredýär. Şol sebäpli iýýän zadyňyzyň düzümine üns bermek zerurdyr.



■ **Dynç alyş wagty hem işlemek.** Öýde ýa-da dynç alyş merkezlerinde dynç alýan wagtyňyz hem iş ýörelgesini alyp barýan bolsaňyz, bu sizi has-da ýadadar. Tehnologik enjamlardan uzaklaşyp, maşgalaň ýa-da dostlaryň bilen dynç alşy guramak ertirki gün höwesli we döredijilikli işlemegi üpjün edýär.

■ **Uzakly gün kofe içmek**. Güni irden kofe bilen başlamagyň, hatda günüň dowamynda 3 çaşka kofe içmegiň peýdalydygy bellenilýär. Şeýle-de bolsa, kofeni aşa köp içmek kadaly uka täsir edip, ýadawlyk alamatlaryny döredýär. Günortandan soň ertire çenli kofe içmekden saklanmak maslahat berilýär.

■ **Ýatmazdan ozal telefona güýmenmek.** Telefonyň ýa-da kompýuteriň ýagty ekrany uky we oýanma işini kadalaşdyrýan melatonin gormonyny üýtgedip, bedeniň tebigy sagadyny bozýar. Ukusyzlykdan döreýän ýadawlykdan dynmak üçin bu endikden el çekmek iň gowusydyr.



# ITALÝANLARYŇ meşhur tagamlary

**Syýahatçylyk babatda ösen ýurtlaryň biri bolan Italiýa barada gürrüň gozgalanda ozaly bilen lezzetli tagamlary göz öňüňe gelýär. Baý taryhy mirasy bolan bu ýurduň her şäherinde we sebitinde özüne mahsus lezzetli tagamlar taýýarlanýar. Pizzanyň, makaronyň we kapuçinonyň ata Watany bolan Italiýa halkara gastronomiýasynda uly orny eýeleýär.**

**Margarita pizzasy.** «Pizza Margherita» diýlip atlandyrylýan bu tagam ilkibaşda XIX asyrda Naplesde bişirilip başlanýar. Şa zenany Margarita üçin ýörite taýýarlanan bu pizza barmaklar bilen ýazylan hamyryň üstüne pomidor goýaltmasy, mozarella peýniri we ter reýhan ýapraklary goýulýar. Pizza ýörite peçde bişirilýär. Adatça, Margarita pizzasy dört bölege bölünip, gyzgynlygyna müşderilere hödürlenýär. Gyzyl, ak we ýaşyl reňkleri bilen Italiýanyň baýdagyny şekillendirýän bu tagam dünýäde iň köp iýilýän gurak naharlaryň biridir.

**Mozarella peýniri.** Peýniriň ýumşak görnüşi bolan mozarella Italiýanyň günorta böleginde – Kampaniýa sebitinde döräpdir. Adatça peýniriň bu görnüşi sygyr süýdünden taýýarlanylýan hem bolsa, mozarellanyň nusgawy görnüşi buffalo sygrynyň (bizon) süýdünden taýýarlanylýar. Taryhy maglumatlara görä, mozarella peýniri VII asyrda Hindistandan Italiýa ýerli ýaşaýjylaryň göçüp gelmegi we sygryň buffalo tohumynyň getirilmegi bilen döräpdir. Täze mozarella peýniri 7-10 gün töweregi duzly suwda saklanandan soň iýmäge ýaramly hasaplanýar.

**Kapreze işdäaçary.** Dilimlenen täze mozarella peýniri, pomidor, reýhan ýapraklary, duz we zeýtun ýagy goşulyp taýýarlanýan bu işdäaçar Margarita pizzasy ýaly Italiýanyň baýdagyny şöhlelendirýär. Italiýada günüň islendik wagty iýilýän bu işdäaçar adatça naharyň ýany bilen berilýär. Kapreze işdäaçary pizza ýa-da sendwiç ýaly görnüşde hem taýýarlanylýar. Işdäaçar Kapri adasynyň adyny göterýär.

**Florentin bifşteksi.** Göläniň etli biloňurga süňkünden taýýarlanýan bu tagam Tuskan sebitiniň iň meşhur tagamlarynyň biridir. Bu tagamy islendik etden taýýarlap bolmaýandygy sebäpli sygryň çianina tohumy ösdürilip ýetişdirilýär. Közüň üstünde suwluja edilip bişirilýän florentin bifşteksi iň halanýan tagamlaryň biridir.

**Karbonara.** Italýan aşhanasynyň iň meşhur tagamlarynyň biri bolan karbonara gaýnadylan spagettiniň ýa-da unaşyň üstüne inçejik gyýylan et, gyrgyçdan geçirilen peýnir, ýumurtga goýlup taýýarlanýar. XX asyrda Lasio sebitinde oýlanyp tapylan bu tagam hakyky nusgasyndan daşgary dürli görnüşlerde hem taýýarlanýar.

**«Arancini».** Gowrulan çörek bölekleri Sisiliýanyň aşhanasynyň esasy tagamlarynyň biridir. Içine dogralan et, peýnir ýa-da gök önümler salnyp bişirilýän bu tagam üçin çöregi owradýarlar we ýeralma ýa-da nohut püresi bilen garýarlar. «Altyn topjagazlar» Italiýanyň iň meşhur köçe tagamlarynyň biri hasaplanýar.

**Lazanýa.** Makaronyň iň gadymy görnüşi bolan lazanýadan taýýarlanýan bu tagam gat-gat edilip bişirilýär. Hamyr ýaly dörtburç kesilen lazanýanyň her gatynyň arasyna peýnir goýulýar we üstüne beşamel çorbasy guýulýar. Soňra peçde bişirilip, böleklere bölünip müşderilere hödürlenýär. Daşyndan göräýmäge torta meňzeýän bu tagam Bolonýa sebitiniň iň gadymy tagamlarynyň biridir. Asyrlarboýy taýýarlanylyp gelinýän bu tagama beýleki ýurtlarda hem uly isleg bildirilýär.

**Tortellini**. Börege meňzeş bu tagam Italiýanyň Bolonýa we Modena şäherlerine mahsus makarondan taýýarlanylýar. Däp bolşy ýaly, bu tagamyň hurşuna ownuk dogralan et, parmesan peýniri, ýumurtga we owradylan hoz goşulýar. Hamyra salnyp bükülenden soň, kapon çorbasyna atylyp gaýnadylýar. Gaplanan, guradylan we sowadyjyda doňdurylan görnüşde dünýäniň köp ýerinde satylýan tortellini öýde hem taýýarlap bolýar.

**Tiramisu.** Kofeniň külkesi, ýumurtganyň sarysy, şeker we maskarpon peýniri hem-de kakao tozy garylyp taýýalanylýan bu desert Italiýada iň köp iýilýän süýjülikleriň biridir. «Meni al, meni begendir» diýen manyny aňladýan bu süýjülikden şokoladyň we kofeniň hoşboý ysy gelýär. Bu gatlama, esasan, kofe we şokolad söýüjiler uly isleg bildirýärler.

**«Gelato» doňdurmasy.** Italiýanyň dünýä belli tagamlarynyň biri-de «gelato» doňdurmasydyr. «Doňaklyk» diýen manyny aňladýan «gelato» iň täze we ter önümlerden taýýarlanýar. Gaýmakly, wanilinli, şokoladly, badamly, fundukly hem-de pisseli görnüşleri bolan doňdurma alma, ýertudana, malina, limon, ananas ýaly miweler hem goşulýar. Dykyzlygy bilen tapawutlanýan «gelato» doňdurmasy Italiýadan beýleki ýurtlara yzygiderli eksport edilýär.



# Boýny seçekli owadan kepderi

Kepderi irki döwürlerden bäri adamzat durmuşynda uly orny eýeläp gelýär. Entek aragatnaşyk enjamlarynyň ýok mahaly adamlar biri-biri bilen habarlaşmak üçin bu guşy okadypdyrlar. Kiçijik haty kepderiniň aýagyna berkidip, uzak illere habar ugradypdyrlar. Häzirki döwürde öýlerde, haýwanat baglarynda bezeg guşy hökmünde saklanýan kepderiler dünýäde parahatçylygyň nyşany hasaplanýar.

Kepderiler diňe bir akyllylygy we asmandaky täsin uçuş hereketleri bilen däl, eýsem, owadanlygy bilen hem köpleri haýran galdyrýar. Dünýäde kepderiniň owadan görnüşleriniň birnäçesi bolup, şolaryň arasynda nikobar kepderisi ünsi has-da özüne çekýär. Ata Watany Hindistanyň Nikobar adalary hasaplanýan nikobar kepderisi Indoneziýa çenli baryp ýetipdir. Syýa reňkli kepderi Malaýziýada, Filippinlerde we Palauda hem duş gelýär. Boýnundaky seçelenip duran uzyn ýelekleri bilen tapawutlanýan bu guşuň ulylygy 30-35 santimetre, agramy 400-600 grama ýetýär. Arkasy we ganatlarynyň üsti älemgoşara meňzeş öwşün atýan nikobar kepderisi ýitip gitmek howpy abanýan guşlaryň hataryna girýär.

# Möwsüme görä nähili äýnek dakynmaly?

Howanyň yssy günleri, umuman, ýylyň islendik möwsüminde iň köp ulanylýan esbaplaryň biri hem äýnek hasaplanýar. Gözüňi ýagtylykdan goramakdan başlap, okamaga we uzakdaky zady saýgarmaga ýardam edýän iki gözli, gulaga ildirilýän tutawaçly enjam XIII asyrda Italiýada oýlanyp tapylýar. Uzak wagtlap Gün şöhlesine sezewar bolmak göze çynlakaý zeper ýetirip bilýär. Gara äýnek Günden gelýän ultramelewşe (UV) şöhlelerini yzyna serpikdirip, gözüň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Mundan başga-da, äýnek dakynmak infragyzyl şöhleleriniň täsirini hem azaldýar. Günden goraýan äýnekleriň köpüsinde «UV goragy» ýa-da «UV400» diýen ýazgy bolýar. Äýnek satyn alnanda şol ýazga üns bermeli. Äýnek dakynanyňyzda gözüňizde bulaşyklyk dörese ýa-da kelläňiz agyrsa, onda ol äýnegiň size laýyk gelmeýändigidir. «Bu ýagdaý wagtlaýyndyr, äýnege öwrenişip giderin» diýip pikir edýän bolsaňyz, soňlugy bilen gözüň zeperlenmegine, görşüň peselmegine getirip bilýär.



**ÄÝNEK DAKYNMAGYŇ PEÝDALY TARAPLARY**

- Gözüň reňk sazlaşygyny goraýar.
- Gözüň ýadawlygyny peseldýär.
- Yssy günlerde kellagyryny azaldýar.





Köpler gyş paslynda howanyň bulutly we garly günlerinde hem äýnek dakynyp gezýärler. Bilermenler gyş aýlarynda ultramelewşe şöhlesiniň täsirinden goraýan äýnekleri dakynmagy maslahat berýärler. Sebäbi Günüň gar tozgalaryna düşüp, ýylpyldaýan şöhlesi adaty äýnekden geçip, göze ters täsir edýär. Eger-de gyş paslynda ýa-da howanyň bulutly we çygly günlerinde hem äýnek dakynmak isleseňiz, «UV goragy» bolan äýneklerden özüňize görä oňaýlysyny saýlamaly.

Äýnegiň linzasynyň reňki ýagtylygyň gözde şöhlelenmesine, gözüň reňkleri tapawutlandyrmagyna we reňkleri bolşy ýaly kabul etmegine täsir edýär. Gara, goňur we çal linzaly äýnekler orta we ýokary ýagtylyk şertlerinde ýalpyldamanyň öňüni alýar we gözüň ýadawlygyny azaldýar. Bu äýnekler gündelik durmuşda ulanmaga amatly hasaplanýar. Ýaşyl linzaly äýnekler gözüň dynç alşyny üpjün edýär. Ýaşyl äýnekler Gün şöhlesiniň az düşýän ýerlerinde ulanylýar. Sary, altynsow, açyk goňur linzaly äýnekler ýagtylyk taýdan az goragy üpjün etse-de, bulutly we ýagyşly günlerde ulanmak ýerlikli hasaplanýar. Mämişi, gyzyl we gülgün linzaly äýnekleriň daş-töwerekdäki reňkleri görmegi kynlaşdyrýandygy sebäpli, awtoulag sürlende bu äýnekleri dakynmak maslahat berilmeýär. Bu äýnekler gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanylanda ulanylýar. Gök linzaly äýnekleri ýaşyl ýerlerde (tokaý, ösümlikli meýdan) ulanmak amatly hasaplanýar. Rahatlygy we reňk duýujylygy taýdan gara linzaly äýnekler iň gowusy hasaplanýar.

# Ýylyň kaşaň awtoulagy

«Rolls-Royce»-iň «La Rose Noire Droptail» ulagy 2025-nji ýylyň iň kaşaň we iň gymmat awtoulagy hasaplanýar. Bahasy 32 million amerikan dollaryna barabar bolan owadan ulagdan bary-ýogy dört sanysy öndürildi. 1600-den gowrak agaç bölekleri bilen bezelen bu awtoulag owadan daşky görnüşi bilen tapawutlanýar. Fransuz dilinden terjime edilende «Gara gül» diýen manyny berýän bu ulag ultra-lýuks görnüşe eýedir. Üçegi açylyp-ýapylýan (kabriolet) 2 orunlyk «La Rose Noire Droptail» awtoulagy Fransiýada ösýän gara bakkara bägülünden ylham alnyp bezelipdir. Daşky bezegi we içki salony gara-gyzyl öwüsýän ulagyň yzky kapotynyň üsti «gül sepilen ýaly». Gabarasy ugleroddan, polatdan we alýuminden işlenip düzülen kaşaň ulag 563 at güýjüne eýe. 12 silindrli, hereketlendirijisiniň göwrümi 6,75 litrlik «La Rose Noire Droptail»-iň uzynlygy 5,3 metre, ini 2 metre barabar. Bu kaşaň ulagy işläp taýýarlamak üçin 4 ýyl gerek bolupdyr. «La Rose Noire Droptail»-den başga-da «Rolls-Royce»-iň «Phantom», «Spectre» ulaglary hem-de BMW-niň «i7 M70» elektroulagy iň kaşaň we gymmat ulaglar hasaplanýar.



Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Näme üçin piller arydan gorkýar?

Piller örän ýatkeş we akylly jandar hasaplanýar. Äpet jandarlar suw içýän ýerini, iýmitlenýän meýdanyny we howply zatlary uzak wagtlap ýatda saklaýarlar. Alymlar Günorta Afrika Respublikasynyň Krýuger milli seýilgähinde üç aýlyk meýdan synaglaryny geçirdiler. Bilermenler Afrikada ýaşaýan pilleriň (Loxodonta africana) hakykatdan hem arylardan gorkýandygyny anyklamak üçin seýilgähdäki agaçlaryň käbirinde bal arylarynyň öýlerini asdylar. Birnäçe günden soň piller agaçlaryň aşagyna kölegelemäge geldiler. «Current Biology» žurnalynda çap edilen habara görä, synaga gatnaşan 29 piliň 25-si az salymdan arynyň ysyny we wyzzyldysyny duýup, çaltlyk bilen gaçyp gitdi. Galan 4-si bolsa, dynç alşyny dowam etdirdi. Synag geçirijiler muňa örän geň galyp, şeýle netijä geldiler.

Piller ary çakanda döreýän agyryny hiç haçan ýatdan çykarmaýarlar. Gaçyp giden pilleri öň ary çakan bolmaly. Äpet jandarlar şol sebäpli arydan goranmak üçin çaltlyk bilen gaçdylar.



Sürüden aýrylyp galan pilleri entek ary çakmadyk bolmaly. Şol sebäpli olar dynç almagyny dowam etdirdiler.

Alymlar indiki synagda agajyň şahasyndan arylaryň boş öýjüklerini asyp çykdylar. Öýjükleriň käbirinde bal hem bardy. Bu gezek piller agajyň aşagyna gelenlerinde gaçmadylar. Hatda pilleriň birnäçesi öýjüklere asylyşyp, baly hem dadyp gördi. Bilermenler bu ýagdaýy synlap, pilleriň örän güýçli ys alyş we eşidiş ukybynyň bardygyna göz ýetirdiler. Bu synagda piller arylaryň ysyny we sesini duýmandygy sebäpli, howpuň ýokdugyna göz ýetirdiler.

Umuman, piller örän duýgur jandarlar bolup, uzakdaky ysy ýa-da pes ýygylykdaky sesi duýup bilýärler. Pilleriň derisiniň galyňlygyna garamazdan, örän ýumşak we näzik bolýar. Şol sebäpli piller endamyna degen kiçijik zady hem duýup bilýärler.

Afrikaly daýhanlar ekin meýdanlaryna pilleriň girmezligi üçin töwereginde bal arylaryny saklaýarlar. Bu bolsa pilleriň ekinleri zaýalamagynyň öňüni almaga ýardam edýär.

# PILLERIŇ TÄSIN DÜNÝÄSI

■ Dünýäniň iň uly gury ýer süýdemdirijisi bolan piller uzak aralykdan aragatnaşyk saklap bilmegi we ösen ýatkeşligi bilen haýran galdyrýar. Bu jandarlar biri-birini, iýmitlenýän meýdanyny we suw içýän çeşmesini uzak wagtlap ýatda saklap bilýärler.

■ Ägirt uly beýnisi bolan piller akylly jandar hasaplanýar. Pilleriň ýüreginiň agramy 12-21 kilograma, beýnisiniň agramy bolsa 4,8-5 kilograma ýetýär.

■ Piller pes ýygylykdaky sesleri ulanyp, biri-biri bilen aragatnaşyk saklaýarlar. «Infrases» diýlip atlandyrylýan bu sesler ýerde we howada birnäçe kilometre çenli ýaýrap gidýär. Bu bolsa äpet süýdemdirijileriň has uzakdaky pil sürüleri bilen aragatnaşyk saklamagyna, howp abanýandygyndan habardar bolmagyna ýardam edýär.

■ Piliň çagasy doglandan bary-ýogy 20 minutdan soň aýak üstüne galýar, 45-60 minutdan soň ýöräp, 2 günden soň sürä goşulyp «syýahat» edip başlaýar.

■ Pilleriň kiçijik wagty kellesinde, arkasynda we garnynda tüý örtügi bolýar. Ulalansoň bolsa tüýleri düşýär.

■ Äpet jandarlaryň derisi örän näzik bolup, galyňlygy 2,5 santimetre ýetýär. Piliň derisiniň köp böleginde suw saklaýan ýumşak gasynlary bolýar we tomsuň jöwzasynda derini salkyn saklamaga kömek edýär.

■ Piller aşa gyzgyn howa çydam edip bilmeýärler. Şol sebäpli bu jandarlar Gün şöhlesinden goranmak üçin batgalyklara baryp, endamyna ýygy-ýygydan palçyk çalýarlar.

■ Piller böküp ýa-da ylgap bilmeýärler. Äpet jandarlar örän çalt ýöreýärler. Piller ökde ýüzüjiler hasaplanýar. Aýaklaryny kürek ýaly ulanyp, 6 sagada çenli suwuň içinde hereket edip bilýärler.

■ Pilleriň holtumynda müňlerçe myşsa bolup, örän duýgur bolýar. Salpy gulakly jandarlar holtumy bilen dem almak bilen bir hatarda, ys almak, suw içmek, iýmit iýmek, tutmak we urmak ýaly hereketleri ýerine ýetirýär.

■ Esasy iýmiti ot, agajyň gabygy, kök we ter ýaprak bolan piller her gün 16-18 sagat iýmitlenýärler. Her gün ortaça 136-170 kilogram iýmit iýýändigine garamazdan, piller iýmiti örän haýal siňdirýärler.

■ Piller süri bolup ýaşaýarlar. Beýleki jandarlardan tapawutlylykda süri urkaçy pil tarapyndan dolandyrylýar.

■ Agramy 2,5 tonnadan 6,5 tonna çenli ýetýän äpet jandarlar Sahara çölüniň günortasynda, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýar. Piller Afrikanyň 37, Aziýanyň 13 ýurdunda duş gelýär.



# Ary barada GYZYKLY MAGLUMATLAR



● Dünýäde arynyň resmi taýdan ykrar edilen 20 müňden gowrak görnüşi bar. Olaryň arasynda Günbatar balarysy has köp bolup, bu arylaryň 500-600 görnüşi bar.

● Arylar sekuntda 200-230 gezek ganat kakýar. Eşidilýän «wyz» sesi arylaryň uly tizlikde ganat urmagyndan emele gelýär.

● Balarynyň ömri 4-6 hepde bolup, «bütin ömründe», takmynan, 20 müňden gowrak gülden şire toplaýar.

● Antarktida arysyz ýeke-täk yklym hasaplanýar.

● Aryçylyk bilen meşgullanyp başlan iň gadymy halk hasaplanýan müsürliler 4 müň 500 ýyl mundan ozal ary idedip başlapdyrlar.

● Uzynlygy 3 santimetr bolan Gimalaý äpet balarysy dünýäde iň uly balary hasaplanýar. Balarynyň bu görnüşi köweginde 60 kilograma çenli bal toplaýar.

● Arylaryň 170 dürli ys saýgarmak ukyby bar. Bu jandarlar biziň yssyz hasaplaýan güllerimiziň hem ysyny alyp bilýärler.

## 7 tapawudy tapyň!



## Labirint



## Gyzykly pursat



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



# Araza – ekzotik miwe

**Dünýäde seýrek duş gelýän ekzotik miweleriň biri araza hasaplanýar. Günorta Amerikanyň Amazonka tokaýynda ösýän bu miwä Amazon guawasy hem diýilýär. Araza örän şireli miwe bolup, köplenç doňdurma taýýarlamak üçin ulanylýar. Köp adam bu miwäni terligine iýip bilmeýär. Sebäbi araza örän turşy bolup, düzüminde ýokary derejede kislota saklanýar. Bu miwäniň turşulygy limonyňkydan iki esse ýokary.**

**Ylmy dilde «Eugenia stipitata» diýilýän bu miwäniň reňki sary bolup, içinde birnäçe çigidi we topbak-topbak özeni bolýar. Içi boş ýaly görünýän sary miwäniň ululygy behi ýaly bolýar. Daşyndan alma çalym edýän bu miwäniň agajynyň boýy 3-12 metre çenli ýetýär. Ak hoşboý ysly gülleri bolan araza agajy üç ýyldan soň hasyl berip başlaýar. Bir düýp araza agajyndan 20-35 kilogram hasyl alyp bolýar. Ekzotik miwe ilkibaşda ýaşyl bolup, saraldygyça hoşboý ys çykaryp başlaýar. Miwe aşa şireli we turşy bolandygy sebäpli, çalt zaýalanýar. Şol sebäpli araza miwesini uzak ýola äkidip bolmaýar. Miwäniň düzüminde köp mukdarda suw, şeýle hem belok, uglewod we süýüm bar. Turşy miwede A, C, B1, E witamini, fosfor, magniý, kaliý we kalsiý saklanýar.**




## 7-nji SKANWORD

**Orazgeldi AÝDOWDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*




## 11-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Haty owadan ýazýan adam. **2.** Ýagty, yşyk. **3.** Baglaýjy kömekçi. **4.** Afrikaly programmist ... Seýmur. **5.** Sag-salamat, ...- esen. **6.** Gündogar Afrikada bir döwlet. **7.** Gury iýmişleriň bir görnüşi. **12.** Daş döwri. **13.** Gyz ady. **15.** Hereket edýän basgançak. **18.** Optiki teleskop. **19.** Ýagyn, ýagmyr. **20.** Janly-jandarlaryň iýmit siňdiriji, ýumşajyk turba görnüşli içki agzasy. **21.** Aý (köne söz). **22.** Keýik, jeren. **29.** Öwüt-nesihat berýän gysga manyly halk aňlatmasy. **31.** Doly däl, kem. **32.** «...-myrat» (nakyl). **33.** Beýik bina. **35.** Italiýada bir şäher. **37.** Ýyldyzlaryň biri. **38.** Düşümleriň biri. **39.** «... biş, agzyma düş» (nakyl). **40.** Esasy düýbünden şaha aýrylyp ösýän köpýyllyk uly ösümlik.

● **KESELIGINE:** **1.** Ýedi güne deň bolan wagt birligi. **5.** Möwsümleýin neşirlere ýazylmak. **8.** Türkmen sährasy. **9.** Gawunyň bir görnüşi. **10.** Süýüm almak üçin ösdürilýän tropik bezeg güli. **11.** Hijri-kamary senenamasynyň dokuzynjy aýy. **14.** Geçiniň, keýigiň erkegi. **16.** Garyndyly metal. **17.** Gün ulgamynda planetalaryň biri. **19.** Solak bolmadyk. **21.** Kosmetik serişde. **23.** ...-jenjel. **24.** Bile bolmadyk, üzňe. **25.** Etmiş üçin görülýän çäre. **26.** «Ýaşylbaş sonalar, gazlar garkyldar,/... harap düşer, köli bolmasa» (Magtymguly Pyragy). **27.** Bir zadyň yz tarapy. **28.** Tohumyň gabygyny ýaryp ösüp başlan ilkinji ösüntgi. **30.** Meşhur «...-Madrid» futbol topary. **32.** Gadymdan gelýän däpdessur. **34.** Geometrik şekil. **36.** Başam barmak bilen süýem barmagyň gerlen aralygy we şoňa barabar bolan uzynlyk ölçegi. **39.** ABŞ-nyň iň uly ştaty. **41.** Aýlaryň biri. **42.** Reňk. **43.** Amerikan aýdymçysy. **44.** Bezeg güli. **45.** Geçiguşa meňzeş gara guýrukly kiçijik guş.

6-njy skanwordyň jogaby:



10-njy krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Jogap duşuşyklary geçirildi

**AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 1/8 finalyň jogap oýunlary geçirildi. Günbatar sebitiniň çägindäki oýunlaryň jogap duşuşyklarynda ýer eýeleri ýeňil düşmedik hem bolsa ýeňiş gazanmagy başardy.**

BAE-niň Dubaý şäherinde geçirilen oýunda «Al-Wasl» topary Yragyň «Al-Zawraa» topary bilen duşuşdy. Duşuşygyň esasy wagtynda 1-nji oýnuň hasaby gaýtalandy. Ýagny «Al-Wasl» 3-2 hasabynda öňe saýlandy. Yrakdaky duşuşykda-da «Al-Zawraa» şol hasap bilen ýeňiş gazanypdy. Netijede, goşmaça berlen 30 minutda «Al-Waslyň» braziliýaly oýunçysy Adryelson 109-njy minutda toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Ol esasy wagtyň soňky pursatlarynda-da toparynyň 3-nji goluny geçiripdi. Şunlukda, «Al-Wasl» ýaryşy dowam eder.

1-nji duşuşykda iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanan «Al-Hussein» (Iordaniýa) öz meýdançasynda-da Eýranyň «Esteglal» toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýun 3-2 hasabynda tamamlandy.

Kataryň «Al Ahli» toparyna Eýranyň «Sepahan» toparyndan üstün çykmak ýeňil düşmedi. 2-2 hasabynda deňlikde tamamlanan 1-nji oýnuň jogap duşuşygynda esasy wagtda ýeňijini kesgitlemek başartmady. Goşmaça wagtyň ilkinji minutynda, ýagny Ýansaneniň 91-nji minutdaky goly bilen ýeňiş gazanan «Al Ahli» topary çärýek finala adyny ýazdyrdy.

Saud Arabystanynyň güýçli toparlaryndan «Al-Nassr» öz meýdançasynda ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda Aşgabatdaky duşuşygyň netijesi hasaba alyndy. Ýagny 1-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Al-Nassr» toparynyň ýeke-täk goluny 2-nji minutda Abdulrahman Garib derwezä girizdi.



Şeýlelikde, Günbatar sebiti boýunça çärýek finalyň jübütleri belli boldy. Çärýek finalda «Al-Wasl» – «Al-Nassr», «Al-Ahli» – «Al-Hussein» toparlary duşuşarlar. 1-nji duşuşyklar 3-4-nji, jogap oýunlary 10-11-nji martda oýnalar.

# UEFA Milletler Ligasynyň bijeleri çekildi

**UEFA Milletler Ligasynyň täze 2026/27 möwsüminiň bijeleri çekildi. Jemi 4 ligadan ybarat ýaryşda 54 ýygyndy bäsleşer. «A», «B», «C» Ligalarynyň hersinde 4 toparça bolup, olaryňam hersinde 4 ýygyndy çykyş eder. «D» Ligada bolsa 3 toparly 2 toparça bolup, olar yklymyň iň pes reýtingli toparlarydyr.**



«A1» toparçada Italiýadyr Fransiýanyň, Belgiýanyň hem-de Türkiýäniň, «A2» toparçada Germaniýa bilen Niderlandlaryň, Serbiýa hem-de Gresiýanyň ýygyndylary duşuşar. «A3» toparçada Ispaniýa bilen Angliýanyň ýygyndylary esasy toparlar bolup, Horwatiýa bilen Çehiýa hem toparçanyň beýleki wekilleridir. «A4» toparçada kubogyň soňky eýesi Portugaliýanyň garşydaşlary Daniýanyň, Norwegiýanyň hem-de Uelsiň milli ýygyndylary boldy.

Ýaryşyň çempiony «A» Liganyň toparçalarynda çykyş edýän ýygyndylaryň biri bolup, her toparçada 1-2-nji orny eýelänler çärýek finala çykar.

Täze möwsümiň duşuşyklaryna sentýabr aýynda badalga berler.

**«A1»:** Fransiýa, Italiýa, Belgiýa, Türkiýe
**«A2»:** Germaniýa, Niderlandlar, Serbiýa, Gresiýa
**«A3»:** Ispaniýa, Horwatiýa, Angliýa, Çehiýa
**«A4»:** Portugaliýa, Daniýa, Norwegiýa, Uels

**«B1»:** Şotlandiýa, Şweýsariýa, Sloweniýa, D. Makedoniýa
**«B2»:** Wengriýa, Ukraina, Gruziýa, D. Irlandiýa
**«B3»:** Ysraýyl, Awstriýa, Irlandiýa, Kosowo
**«B4»:** Polşa, Bosniýa we Gersegowina, Rumyniýa, Şwesiýa

**«C1»:** Albaniýa, Finlýandiýa, Belarus, San Marino
**«C2»:** Garadag, Ermenistan, Kipr, Latwiýa/Gibraltar
**«C3»:** Gazagystan, Slowakiýa, Farer adalary, Moldowa
**«C4»:** Islandiýa, Bolgariýa, Estoniýa, Lýuksemburg/Malta

**«D1»:** Gibraltar/Latwiýa, Malta/Lýuksemburg, Andorra
**«D2»:** Litwa, Azerbaýjan, Lihtenşteýn

# TENNIS TÄZELIKLERI






**● Tennis boýunça Dohada geçirilen «Katar Açyk» ýaryşynda çehiýaly Karolina Muhowa ýeňiş gazandy. Zenanlaryň arasyndaky möwsümiň 1-nji «Masters» ýaryşynyň (WTA 1000) finalynda Muhowa kanadaly Wiktoriýa Mboko bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen 2 setiň netijesinde 29 ýaşyndaky Muhowa 6:4 we 7:5 hasaplar bilen garşydaşyndan üstün çykdy. Bu onuň karýerasyndaky 2-nji WTA çempionlygy bolup, mundan öň 2019-njy ýylda diňe «Koreýa Açyk» ýaryşynda ýeňiji bolupdy.**

**● ABŞ-nyň Dallas şäherinde tennis boýunça erkekleriň arasynda geçirilen «ATP 500 Açyk» çempionatynda amerikaly Ben Şelton çempion boldy. Ol finalda watandaşy Teýlor Fritsi setiň netijesinde 3:6, 6:3, 7:5 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu 23 ýaşly tennisçiniň 4-nji çempionlygydyr.**

**● Tennis boýunça erkekleriň arasynda Niderlandlaryň Rotterdam şäherinde geçirilen «ATP 500 Açyk» çempionatynda awstraliýaly Aleks de Minor ýeňiş gazandy. Ol finalda kanadaly Feliks Ože-Alýasimi 6:3 we 6:2 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 11-nji ATP çempionlygy hökmünde hasaba alyndy.**

**● Argentinanyň paýtagty Buenos-Aýresde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Argentina Açyk» tennis ýaryşynda ýerli raketkaçy Fransisko Çerundolo çempionlyk gazandy. Ol finalda italiýaly Luçiano Darderini 6:4 we 6:2 hasaplar bilen ýeňmegiň hötdesinden geldi. Çerundolo ATP-niň ýaryşlarynda 4-nji kubogyny asmana göterdi.**

# Ewans möwsüme şowly başlady

Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) möwsümdäki 2-nji ýaryşy Şwesiýada geçirildi. Ýurduň demirgazygyndaky Umea şäherinde geçirilen 18 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşda «Toyota Gazoo» toparyndan britaniýaly Elfin Ewans ýeňiş gazandy. Ol 300,66 kilometr aralygy 2 sagat 35 minut 53,1 sekuntda geçmegi başardy. Bu onuň möwsümdäki 1-nji, karýerasy boýunça-da 14-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ol geçen bäsleşikde 2-nji orna mynasyp bolupdy.



«Toyota Gazoo» toparynyň ýaponiýaly sürüjisi Takamoto Katsuta ýeňijiden 14,3 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna-da «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir wekili, finlýandiýaly Sami Paýari çykyp, ol ýaryşyň ýeňijisinden 46 sekunt soň pellehanadan geçdi. Hatda ýaryşda 4-nji orny hem «Toyota Gazoo» toparynyň sürüjisi eýeläp, şwesiýaly Oliwer Solberg toparyna 17 utuk gazandyrdy.

Geçirilen 2 ýaryşdan soň Elfin Ewans 60 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Oliwer Solbergiň 47, 3-nji basgançakdaky Takamoto Katsutanyň 30 utugy bar.

Möwsümiň 3-nji ýaryşy 12-15-nji mart aralygynda Keniýanyň paýtagty Nairobide geçiriler.

# «Atletiko» «Barselonany» uly hasap bilen ýeňdi

Ispaniýanyň Şa Kubogy (Copa del Rey) ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji oýunlary oýnaldy. Madridde «Atletiko» bilen «Barselonanyň» arasyndaky oýunda garaşylmadyk taryhy netije hasaba alyndy. Ýer eýeleri duşuşykda 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollaryň ählisi hem 1-nji ýarymda geçirildi. Oýnuň 6-njy minutynda katalonlaryň goragçysy Erik Garsiýanyň yza beren pasyny derwezeçi Hoan Garsiýa saklap bilmedi we awtogol bilen madridliler öňe saýlandy. «Barselonadaky» ýalňyşlyklar dowam edip, 14-nji minutda Antuan Grizmann hasaby 2–0-a ýetirdi. Duşuşygyň 33-nji minutynda täze transfer Ademola Lukman 3-nji pökgini hem myhmanlaryň derwezesinden girizdi. 45+2-nji minutda Hulian Alwares hasaby 4–0-a çykardy. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda katalonlar jogap oýny üçin aratapawudy azaltmak üçin göreşse-de, oňyn netije bermedi. Oýnuň tamamlanmagyna 5 minut galanda, 1-nji goluň awtory Erik Garsiýa gyzyl kart alyp, meýdançadan çykaryldy. Şunlukda, 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Atletiko Madrid»



finala çykmak üçin uly mümkinçilik gazandy.

Ýarym finalyň beýleki duşuşygynda bolsa «Real Sosiedad» myhmançylykda «Atletik Bilbaony» Benýat Turrientesiň 62-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi.

Jogap duşuşyklary degişlilikde 3-4-nji martda oýnalar.

# «INTER» ARANY AÇÝAR

Italiýanyň çempionatynda tapgyrda 2 merkezi duşuşyk geçirildi. Italiýa derbisinde «Inter» öz meýdançasynda «Ýuwentusy» kynlyk bilenem bolsa 3–2 hasabynda ýeňdi. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda 17-nji minutda Kambiasonyň aýagyna degen top derwezä girdi we awtogol bilen «Inter» öňe saýlandy. Kambiaso 26-njy minutda hasaby deňläp, şol ýalňyşlygynyň öwezini dolmagy başardy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň ahyrynda emin Federiko La Penna «Ýuwentusyň» goragçysy Kalula 10 minutyň dowamynda 2 sary kart görkezip, ony meýdançadan çykardy. Duşuşygyň 76-njy minutynda «Inter» Espozitonyň goly bilen öňe geçse-de, 1 oýunçy kem oýnaýandygyna garamazdan, «Ýuwentus» 83-nji minutda Lokatelliniň goly esasynda hasaby deňledi. 90-njy minutda Zielenskiniň jaýdar urgusyny «Ýuwentusyň» derwezeçisi De Gregoriýa sowmak başartmady. Duşuşykdan soň eminiň Kaluluny oýundan çykarmak bilen ýalňyşandygy resmi ýagdaýda mälim edildi. Tapgyryň başga bir esasy





duşuşygynda «Napoli» bilen «Roma» duşuşyp, oýun 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy. Täze transfer Donýell Maleniň gollary bilen 2 gezek öňe geçen paýtagtlylara soňky çempion «Napoli» Spinazzolanyň hem-de Alissonyň gollary esasynda jogap berdi. 2-nji ýerde barýan «Milan» myhmançylykda «Pisa» toparyny Loftus-Çikiň hem-de Modriçiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, ýeňlişsizlik seriýasyny 24 oýna çykardy. «Milan» öňki tapgyrdan galan oýunda «Komo» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Netijede, «Inter» bilen «Milanyň» arasyndaky tapawut 7 utuga çykdy.

# Keýn 500 gola iň çalt ýeten 3-nji futbolçy

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Werder» toparyny Keýniň (22 p, 25) hem-de Goreskanyň (70) gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Keýniň karýerasy boýunça geçiren gollarynyň sany 500-e ýetdi. Keýne 500 gola ýetmek üçin 743 duşuşyk gerek boldy. Ol Messi we Lewandowskiden soň 500 gola iň çalt ýeten 3-nji futbolçy bolmagy başardy. Messi 632 oýunda, Lewandowski 734 oýunda 500 gol geçiripdi. Girassiniň 2 gol geçiren oýnunda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Maýnsy» 4–0 hasabynda utdy. Şol hasap bilen «Baýer» hem «Sankt-Pauli» toparyndan üstün çykdy.



## LA LIGA (24) — 28 gol

**Elçe—Osasuna: 0–0, Espanýol—Selta: 2–2** (Kike Garsiýa 66, Dolan 86 — Džutgla 38, Iglesias 90+3), **Hetafe—Wilýarreal: 2–1** (Arambarri 41 p, Satriano 53 — Mikautadze 76), **Sewilýa—Alawes: 1–1** (Sou 42 — Martines 60), **Real Madrid—R. Sosiedad: 4–1** (Gonzalo Garsiýa 5, Winisius 25 p, 48 p, Walwerde 31 — Oýarzabal 21 p), **Owiedo—Atletik: 1–2** (Çaýra 30 — Hauregisar 58, Sanset 71 p), **R. Wallekano—Atletiko: 3–0** (Fran Peres 40, Walentin 45, Mendi 76), **Lewante—Walensiýa: 0–2** (Ramazani 64, Sadik 84), **Malýorka—Betis: 1–2** (Muriki 66 — Ezzalzuli 18, Bakambu 45+2), **Žirona—Barselona: 2–1** (Lemar 61, Beltran 86 — Kubarsi 59)

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 24 | 19 | 3 | 2 | 53-19 | 60 |
| 2 | BARSELONA | 24 | 19 | 1 | 4 | 64-25 | 58 |
| 3 | WILÝARREAL | 24 | 15 | 3 | 6 | 45-26 | 48 |
| 4 | ATLETIKO M | 24 | 13 | 6 | 5 | 38-21 | 45 |
| 5 | BETIS | 24 | 11 | 8 | 5 | 39-29 | 41 |
| 6 | ESPANÝOL | 24 | 10 | 5 | 9 | 29-33 | 35 |
| 7 | SELTA | 24 | 8 | 10 | 6 | 32-27 | 34 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 24 | 8 | 7 | 9 | 34-35 | 31 |
| 9 | ATLETIK B | 24 | 9 | 4 | 11 | 27-34 | 31 |
| 10 | OSASUNA | 24 | 8 | 6 | 10 | 28-28 | 30 |
| 11 | HETAFE | 24 | 8 | 5 | 11 | 20-28 | 29 |
| 12 | ŽIRONA | 24 | 7 | 8 | 9 | 24-38 | 29 |
| 13 | SEWILÝA | 24 | 7 | 5 | 12 | 31-39 | 26 |
| 14 | ALAWES | 24 | 7 | 5 | 12 | 21-30 | 26 |
| 15 | WALENSIÝA | 24 | 6 | 8 | 10 | 25-37 | 26 |
| 16 | ELÇE | 24 | 5 | 10 | 9 | 31-35 | 25 |
| 17 | R. WALLEKANO | 23 | 6 | 7 | 10 | 21-30 | 25 |
| 18 | MALÝORKA | 24 | 6 | 6 | 12 | 29-39 | 24 |
| 19 | LEWANTE | 24 | 4 | 6 | 14 | 26-41 | 18 |
| 20 | OWIEDO | 23 | 3 | 7 | 13 | 13-36 | 16 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 23 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 16 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 12 |
| 4 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 11 |
| 5 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 10 |

## SERIE A (25) — 28 gol

**Pisa—Milan: 1–2** (Loýola 71 — Loftus-Çik 39, Modriç 85), **Komo—Fiorentina: 1–2** (Parisi 77 ö.d. — Fajoli 26, Ken 54 p), **Lasio—Atalanta: 0–2** (Ederson 41 p, Zalewski 60), **Inter—Ýuwentus: 3–2** (Kambiaso 17 ö.d., Espozito 76, Zielinski 90 — Kambiaso 26, Lokatelli 83), **Udineze—Sassuolo: 1–2** (Sole 10 — Loriýante 56, Pinamonti 58), **Kremoneze—Jenoa: 0–0, Parma—Werona: 2–1** (Bernabe 4, Pellegrino 90+3 — Harrui 43 p), **Torino—Bolonýa: 1–2** (Wlaşiç 62 — Moro 49, Kastro 70), **Napoli—Roma: 2–2** (Spinazzola 40, Alisson 82 — Malen 7, 71 p), **Kaliari—Leççe: 0–2** (Gandelman 65, Ramadani 76)

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 25 | 20 | 1 | 4 | 60-21 | 61 |
| 2 | MILAN | 25 | 15 | 9 | 1 | 41-19 | 54 |
| 3 | NAPOLI | 25 | 15 | 5 | 5 | 38-25 | 50 |
| 4 | ROMA | 25 | 15 | 2 | 8 | 31-16 | 47 |
| 5 | ÝUWENTUS | 25 | 13 | 7 | 5 | 43-23 | 46 |
| 6 | KOMO | 25 | 11 | 9 | 5 | 39-19 | 42 |
| 7 | ATALANTA | 25 | 11 | 9 | 5 | 34-21 | 42 |
| 8 | BOLONÝA | 25 | 9 | 6 | 10 | 34-32 | 33 |
| 9 | LASIO | 25 | 8 | 9 | 8 | 26-25 | 33 |
| 10 | SASSUOLO | 25 | 9 | 5 | 11 | 29-35 | 32 |
| 11 | UDINEZE | 25 | 9 | 5 | 11 | 28-38 | 32 |
| 12 | PARMA | 25 | 7 | 8 | 10 | 18-31 | 29 |
| 13 | KALIARI | 25 | 7 | 7 | 11 | 28-35 | 28 |
| 14 | TORINO | 25 | 7 | 6 | 12 | 25-44 | 27 |
| 15 | JENOA | 25 | 5 | 9 | 11 | 29-37 | 24 |
| 16 | KREMONEZE | 25 | 5 | 9 | 11 | 21-33 | 24 |
| 17 | LEÇÇE | 25 | 6 | 6 | 13 | 17-31 | 24 |
| 18 | FIORENTINA | 25 | 4 | 9 | 12 | 29-39 | 21 |
| 19 | PISA | 25 | 1 | 12 | 12 | 20-42 | 15 |
| 20 | WERONA | 25 | 2 | 9 | 14 | 19-43 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Niko PAZ (Komo) | 9 |
| 3 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 8 |
| 5 | Anastasios DUWIKAS (Komo) | 8 |

## BUNDESLIGA (22) — 31 gol

**Borussiýa D—Maýns: 4–0** (Girassi 10, 42, Baýer 15, Kor 84 ö.d.), **Hoffenhaým—Fraýburg: 3–0** (Asllani 46, Kabak 51, Žandre 90+5), **Hamburg—Union Berlin: 3–2** (Kenigsderffer 35, 82, Kapaldo 45+2 — Kwerfeld 28 p, Iliç 89), **Werder—Bawariýa: 0–3** (Keýn 22 p, 25, Goreska 70), **Baýer—Sankt-Pauli: 4–0** (Kuansa 13, Şik 14, Tapsoba 52, Poku 78), **Aýntraht—Borussiýa M: 3–0** (Braun 24, Amaimuni 34, Knauff 75), **Ştutgart—Köln: 3–1** (Demirowiç 15, 84, Undaw 90+2 — Ahe 79), **Augsburg—Haýdenhaým: 1–0** (Klod-Morris 80 p), **Leipsig—Wolfsburg: 2–2** (Diomande 70, Gruda 89 — Amura 52, Swanberg 78)

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 22 | 18 | 3 | 1 | 82-19 | 57 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 22 | 15 | 6 | 1 | 47-20 | 51 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 22 | 14 | 3 | 5 | 47-28 | 45 |
| 4 | ŞTUTGART | 22 | 13 | 3 | 6 | 41-29 | 42 |
| 5 | LEIPSIG | 22 | 12 | 4 | 6 | 42-30 | 40 |
| 6 | BAÝER | 21 | 12 | 3 | 6 | 43-27 | 39 |
| 7 | AÝNTRAHT | 22 | 8 | 7 | 7 | 44-46 | 31 |
| 8 | FRAÝBURG | 22 | 8 | 6 | 8 | 32-36 | 30 |
| 9 | HAMBURG | 21 | 6 | 7 | 8 | 24-31 | 25 |
| 10 | UNION BERLIN | 22 | 6 | 7 | 9 | 28-37 | 25 |
| 11 | AUGSBURG | 22 | 7 | 4 | 11 | 25-39 | 25 |
| 12 | KÖLN | 22 | 6 | 5 | 11 | 31-37 | 23 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 22 | 5 | 7 | 10 | 25-37 | 22 |
| 14 | MAÝNS | 22 | 5 | 6 | 11 | 25-37 | 21 |
| 15 | WOLFSBURG | 22 | 5 | 5 | 12 | 31-46 | 20 |
| 16 | WERDER | 22 | 4 | 7 | 11 | 22-42 | 19 |
| 17 | SANKT-PAULI | 22 | 4 | 5 | 13 | 20-39 | 17 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 22 | 3 | 4 | 15 | 19-48 | 13 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 26 |
| 2 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 13 |
| 3 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 12 |
| 4 | Serhu GIRASSI (Borussiýa D) | 11 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 10 |

## LIGUE 1 (22) — 30 gol

**Renn—PSŽ: 3–1** (Al-Tamari 34, Lepol 69, Embolo 81 — Dembele 72), **Monako—Nant: 3–1** (Adingra 25, 28, Zakariýa 30 — Sentonz 45+1), **Marsel—Strasbur: 2–2** (Grinwud 14, Nanasi 74 — Guiri 47, Paniçelli 90+6 p), **Lill—Brest: 1–1** (Perren 71 — Labo 58), **Pariž—Lans: 0–5** (Said 24, 38, Towen 58 p, Fofana 90, 90+5), **Le Hawr—Tuluza: 2–1** (Sumare 43, 53 — Sidibe 45+3), **Loriýan—Anže: 2–0** (Paži 9, Makengo 58), **Mets—Oser: 1–3** (Mbala 90+4 — Sane 4 ö.d., Sinaýoko 76, Danua 89), **Lion—Nissa: 2–0** (Tolisso 45+1, Narti 65)

FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LANS | 22 | 17 | 1 | 4 | 42-17 | 52 |
| 2 | PSŽ | 22 | 16 | 3 | 3 | 49-19 | 51 |
| 3 | LION | 22 | 14 | 3 | 5 | 36-20 | 45 |
| 4 | MARSEL | 22 | 12 | 4 | 6 | 48-29 | 40 |
| 5 | LILL | 22 | 10 | 4 | 8 | 35-31 | 34 |
| 6 | RENN | 22 | 9 | 7 | 6 | 34-35 | 34 |
| 7 | STRASBUR | 22 | 9 | 4 | 9 | 36-29 | 31 |
| 8 | MONAKO | 22 | 9 | 4 | 9 | 35-34 | 31 |
| 9 | LORIÝAN | 22 | 8 | 7 | 7 | 29-33 | 31 |
| 10 | TULUZA | 22 | 8 | 6 | 8 | 32-26 | 30 |
| 11 | ANŽE | 22 | 8 | 5 | 9 | 22-27 | 29 |
| 12 | BREST | 22 | 7 | 6 | 9 | 29-34 | 27 |
| 13 | LE HAWR | 22 | 6 | 8 | 8 | 20-27 | 26 |
| 14 | NISSA | 22 | 6 | 5 | 11 | 27-40 | 23 |
| 15 | PARIŽ | 22 | 5 | 7 | 10 | 26-39 | 22 |
| 16 | OSER | 22 | 4 | 5 | 13 | 17-30 | 17 |
| 17 | NANT | 22 | 3 | 5 | 14 | 20-40 | 14 |
| 18 | METS | 22 | 3 | 4 | 15 | 22-49 | 13 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 14 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 12 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 11 |
| 4 | Wesli SAID (Lans) | 10 |
| 5 | Pawel ŞULS (Lion) | 8 |

# «La Ligada» hem-de «Ligue 1»-de sanawyň lideri üýtgedi

Ispaniýanyň çempionatynda «Real Madrid» öz meýdançasynda «Real Sosiedady» 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda «Realyň» gollaryny Gonzalo Garsiýa, 2-sini hem 11 metrlik jerime urgusyndan salan Winisius Junior hem-de Walwerde geçirdi. Eminler ilkinji 24 tapgyrda «Real Madridiň» peýdasyna jemi 13 gezek 11 metrlik jerime urgusyny bellediler. Bu görkeziji möwsümiň şu tapgyryna çenli «La Liganyň» rekordyna deňdir. «Barselona» Kataluňýa derbisinde «Žironadan» 2–1 hasabynda ýeňildi. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýnuň 45+2-nji minutynda Lamin Ýamalyň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy derwezäniň sütüninden yzyna gaýtdy. Duşuşygyň 59-njy minutynda Kubarsi «Barselonany» öňe saýlasa-da, ýer eýeleri 2 minutdan soň Lemaryň takyk urgusy bilen jogap berdi. Oýnuň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 4 minut galanda, 68-nji minutda meýdança giren Fran Beltran «Žirona» toparyna ýeňiş getiren goly derwezä girizdi. Şunlukda, 3 oýundan soň utulan «Barselona» soňky 14 duşuşygynda 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Bu ýeňlişden soň «Real Madrid» sanawyň birinji ornuna geçip, «Barselonadan» 2 utuk öňe saýlandy. Kubok ýaryşynyň ýarym finalynda «Barselonanyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçiren «Atletiko» topary Madrid derbisinde «Raýo Wallekanodan» 3–0 hasabynda ýeňildi.



**«Lans» 1-nji orna gaýdyp geldi**

● Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri üýtgedi. PSŽ myhmançylykda «Renn» bilen duşuşyp, 3-1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda ýer eýeleriniň gollaryny Al-Tamari, Lepol hem-de Embolo geçirdi. Paýtagtyň beýleki topary «Pariž» öz meýdançasynda «Lans» bilen duşuşdy. Myhmanlaryň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Lans» topary garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollary Said (24, 38), Towen (58 p) hem-de 90-njy minutdan soň 2 gezek tapawutlanan Fofana (90, 90+5) öz atlaryna ýazdyrdylar. Bu netijelerden soň «Lans» täzeden liderlige gaýdyp geldi. «Nissa» toparyny Tolisso hem-de Nartiniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Lion» 3-nji orna beýgeldi.






**20-nji fewral (anna)**
Brest- Marsel (00:45)
Atletik – Elçe (01:00)

**21-nji fewral (şenbe)**
**Ýuwentus – Komo (19:00)**
Union Berlin – Baýer (19:30)
Bawariýa – Aýntraht (19:30)
Aston Willa – Lids (20:00)
Çelsi – Börnli (20:00)
Lans – Monako (21:00)
Leççe – Inter (22:00)
Konýaspor – Galatasaraý (22:00)
Osasuna – Real Madrid (22:30)
**Leipsig – Borussiýa D (22:30)**
Al-Nassr – Al-Hazem (00:00)
**Al-Hilal – Al-Ittihad (00:00)**
**Man. Siti – Nýukasl (01:00)**
**Atletiko – Espanýol (01:00)**
PSŽ – Mets (01:05)

**22-nji fewral (ýekşenbe)**
**Atalanta – Napoli (19:00)**
**N. Forest – Liwerpul (19:00)**
Barselona – Lewante (20:15)
**Tottenham – Arsenal (21:30)**
Milan – Parma (22:00)
Roma – Kremoneze (00:45)
Strasbur – Lion (00:45)
Wilýarreal – Walensiýa (01:00)

**23-nji fewral (duşenbe)**
**Ewerton – M. Ýunaýted (01:00)**

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# NORWEGIÝALY OLIMPIADAÇYLAR ÖŇDELIGI EÝELEÝÄR

**Milan-Kortina 2026 gyşky Olimpiýa oýunlary hepdäniň ýekşenbe güni tamamlanar. Şu wagta çenli (18-nji fewral) geçirilen ýaryşlaryň netijesinde Norwegiýanyň ýygyndysy 15 altyn medal bilen öňdäki ornuny dowam etdirýär. Ýer eýeleri italýanlar hem taryhy başarnyk görkezmegini dowam edip, 2-nji ýerde barýarlar. Olaryň altyn medallarynyň sany 9-a deňdir. Amerikaly olimpiýaçylar 7 altyn medal bilen 3-nji orunda barýarlar.**

**Olimpiýa oýunlarynyň 2-nji hepdesinde gazanan altyn medallary bilen norwegiýaly lyžaçy Ýohannes Hosflot Klaebo adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrdy. Ol umumylykda Olimpiýa oýunlarynyň iň köp altyn medally 2-nji türgeni bolmagy başardy. Gazagystan 32 ýyldan soň ilkinji altyn medalyny gazansa, braziliýaly Lukas Pineiro Broten gyşky Olimpiadada altyn medala mynasyp bolan ilkinji Günorta amerikaly türgen hökmünde hasaba alyndy.**

**Olimpiadalaryň taryhyndaky iň köp altyn medally 2-nji türgen**

● Lyžaly sport ýaryşy boýunça norwegiýaly Ýohannes Hosflot Klaebo taryhy netijeleri gazanmagyny dowam edýär. Ol erkekleriň arasyndaky 6 ýaryşyň 5-sinde altyn medal gazanmagy başardy. Klaebo geçen hepdäniň dowamynda 2 altyn medaly eýeläpdi. Ol soňky 7 günde 10 kilometr erkin, 4x7,5 kilometr estafeta, toparlaýyn sprint erkin ýaryşlarynda ýeňiş gazanyp, gyşky Olimpiýa oýunlarynyň iň köp altyn medally türgeni bolmagy başardy (10 altyn). Klaebo umumylykda gyşky we tomusky Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda Maýkl Felpsden soň iň köp altyn medal gazanan 2-nji türgen hökmünde taryha girdi. Onuň umumylykda Olimpiýa medallarynyň sany 12-ä ýetdi.



Lyžaly sport ýaryşynda zenanlaryň arasynda-da şwesiýaly türgenler öňe saýlanyp, Frida Karlsson 2 altyn, 1 kümüş, Lin Swan 1 altyn, 1 kümüş, Ebba Andersson 3 kümüş, Ýonna Sundling 1 altyn, 2 kümüş medal gazanmagy başardy.

2 görnüşli lyža (Nordic Combined) ýaryşynda adaty tramplin 10 kilometr ýaýşyndan soň uly tramplin 10 kilometr bäsleşiginde-de norwegiýaly Ýens Luraş Oftebro altyn, awstriýaly Ýohannes Lamparter kümüş medal gazandy. 3-nji ýeri-de finlýandiýaly Ilkka Herola eýeledi.

**Sanawda 3-nji orna beýgeldi**

● Şort-trek ýaryşlarynda gyşky Olimpiýa oýunlarynyň iň köp medally türgenleriniň biri bolan italiýaly Arianna Fontana ýene-de 3 medal gazandy. Ol garyşyk toparlaýyn 2000 metr bäsleşiginde altyn, 500 metr hem-de zenanlaryň arasyndaky toparlaýyn 3000 metr ýaryşlarynda-da kümüş medala mynasyp boldy. Şunlukda, onuň medallarynyň sany 14-e ýetip (3 altyn, 6 kümüş, 5 bürünç), ol gyşky Olimpiýaçylaryň sanawynda 3-nji basgançaga beýgeldi. Ondan öňde norwegiýaly 15 medally Marit Býorgen bilen 14 medally Ole Einar Býorndalen bar. Şort-trek ýaryşynda zenanlaryň arasynda 500 hem-de 1000 metr bäsleşiklerinde Niderlandlardan Ksandra Welsebur altyn medallary toplady. Zenanlaryň arasynda kanadaly Kortni Saro 4 medal gazansa-da, olaryň hiç biri münberiň iň ýokary basgançagyna degişli bolmady. Ýagny ol 2 kümüş, 2 bürünç medal bilen kanagatlanmaly boldy.



Şort-trek boýunça erkekleriň arasynda 1000 hem-de 1500 metr bäsleşiklerinde Niderlandlardan Ýens wan't Waut ýeňiş gazanmagy başardy. Ol 500 metr bäsleşiginde altyn medaly kanadaly Stiwen Dubo, kümüş medaly bolsa agasy Melle wan't Wauta aldyrdy.

**Jordan Ştolsa taý tapylmady**

● Konkili typmakda erkekleriň arasynda amerikaly Jordan Ştols taryhy başarnyk görkezdi. Ol 500 we 1000 metr ýaryşlarynda Olimpiýa rekordyny täzeläp, altyn medallara mynasyp boldy. 21 ýaşyndaky türgen 500 metri 33,77 sekuntda, 1000 metri bolsa 1 minut 06,28 sekuntda geçmegi başardy. Bu 2 görnüşde-de 2-nji orny Niderlandlardan Ýenning



de Boo eýelemegi başardy. Erkekleriň arasynda 10000 metr ýaryşynda çehiýaly Metodeý Žilek 12 minut 33,43 sekuntda pellehana gelip, bu görnüşde ýurduna ilkinji altyn medaly gazandyrdy.

**Bu gezek Kok öňe geçdi**

● Zenanlaryň arasynda 1000 metrde watandaşy Femke Kokdan öňe saýlanyp, altyn medal gazanan Ýutta Leerdam 500 metrde 2-nji ýeri eýeledi. Leerdam watandaşy Kokdan 0,28 sekunt yza galyp, goşa altyn medalyň eýesi bolup bilmedi. Ýaponiýaly Miho Takagi 1000 metrden soň 500 metrde hem bürünç medala mynasyp boldy. 3000 metr ýaryşynda rekord görkeziji bilen Olimpiýa çempionlygyny gazanan italiýaly Frančesko Lollobrijida 5000 metr aralygy geçmekde-de şol başarnygyny görkezip, altyn medaly eýeledi.



Toparlaýyn yzarlamak ýaryşynda erkekleriň arasynda Italiýa altyn, ABŞ kümüş, Hytaý bürünç, zenanlaryň arasynda Kanada altyn, Niderlandlar kümüş, Ýaponiýa bürünç medala mynasyp boldy.

**Gyşky Olimpiadada altyn medal gazanan ilkinji Günorta amerikaly türgen**

● Dag lyžasynyň gigant slalom görnüşi boýunça erkekleriň arasynda braziliýaly Lukas Pineiro Broten taryhy çempionlyk gazandy. Ol gyşky Olimpiýa oýunlarynda altyn medal gazanan ilkinji braziliýaly, şol sanda ilkinji Günorta amerikaly türgen hökmünde adyny taryha ýazdyrdy. Slalom ýaryşynda Loik Meillar ýeňiji bolup, ol şu görnüşde 1948-nji ýyldan soň altyn medal gazanan şweýsariýaly lyžaçy boldy.



Zenanlaryň arasynda hem Super-G, hem-de gigant slalom ýaryşlarynda italiýaly Federika Brignone ýeňiji bolup, 2 altyn medal gazandy. Gigant slalomda Pekin 2022-niň çempiony şwesiýaly Sara Hektor kümüş medaly norwegiýaly Tea Luise Stýernsunn bilen paýlaşdy. Slalom ýaryşynda amerikaly meşhur lyžaçy Mikaela Şiffrin Soçi 2014-den soň bu görnüşde münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Onuň altyn medallarynyň sany 3-e ýetdi.

**Kanten Fiýon Maýe toparyny öňe saýlady**

● Biatlon sportunda fransiýaly Kanten Fiýon Maýe Milan-Kortina 2026-nyň ýyldyzy bolmagy başardy. Ol 2-si toparlaýyn 3 altyn medal gazanyp, sprint görnüşinde norwegiýaly Wetle Şostad Kristiansenden, onuň watandaşy Sturla Holm Legreýd-



den öňe saýlandy. Kanten Fiýon Maýeniň altyn medallarynyň sany 5-e ýetip, ol Pekinde-de 2 ýaryşda 1-nji orny eýeläpdi. Yzarlamak görnüşinde şwesiýaly Martin Ponsiluoma altyn, norwegiýaly Sturla Holm Legreýd kümüş, fransiýaly Emilien Žaklen bürünç medala mynasyp boldy.

Zenanlaryň arasynda sprint ýaryşynda norwegiýaly Maren Kirkýode altyn medal gazanyp, fransiýaly biatlonçylar Osean Mişlon bilen Lu Žanmonno kümüşdir bürünç medallary paýlaşdylar. Yzarlamak ýaryşynda italiýaly Liza Witozzi altyn medalyň, Maren Kirkýode bolsa kümüş medalyň eýesi boldy. Finlýandiýaly Suwi Minkkinen bürünç medala eýelik etdi.

Toparlaýyn 3 ýaryşda-da altyn medallar fransuz biatlonçylaryňky boldy.

**32 ýyldan soň ilkinji altyn medal**

● Italiýanyň Milan şäherinde hem-de Kortinda şäherçesinde dowam edýän gyşky Olimpiýa oýunlarynda gazagystanly türgen Mihail Şaýdarow figuralaýyn typmak boýunça erkekleriň arasynda altyn medala mynasyp boldy. 21 ýaşyndaky Şaýdarow bu ugurda altyn medal gazanan ilkinji, şol sanda gyşky Olimpiýa oýunlarynyň taryhynda altyn medaly eýelän 2-nji gazagystanly türgen hökmünde hasaba alyndy. Gazagystanyň gyşky Olimpiýa oýunlaryndaky ilkinji altyn medalyny 32 ýyl ozal, ýagny 1994-nji ýylda Wladimir Smirnow lyžaly ýaryşda gazanypdy.



Erkekleriň arasynda ýaponiýaly türgenler – Ýuma Kagiýama bilen Şun Sato 2-3-nji orunlary eýelediler. Ýaryşyň favoritlerinden amerikaly Ilýa Malinin 15-nji orna mynasyp boldy.

**Ilkinji medallary**

● Figuralaýyn typmak boýunça jübütleýin ýaryşda ýaponiýaly Riku Miura bilen Rýuiçi Kihara ýeňiji boldy. Bu ýaponlaryň figuralaýyn typmagyň şu görnüşindäki ilkinji Olimpiýa çempionlygy bolup, olar 158,13 utuk topladylar. 2-nji ýeri gruziýaly Anastasiýa Metelkina bilen Luka Berulawa eýeläp, bu Gruziýanyň gyşky Olimpiýa oýunlaryndan gazanan ilkinji medaly hökmünde hasaba alyndy. Münberiň 3-nji basgançagyna germaniýaly Minerwa Fabien Hase bilen Nikita Wolodin ikisi çykdy.

● Fristaýl ýaryşynyň bigeýr görnüşinde erkekleriň arasynda norwegiýaly Tormod Frostad altyn medala mynasyp boldy. Moguls ýaryşynda bolsa awstraliýaly Kuper Wuds-Topalowiçe taý tapylmady. Ilkinji gezek geçirilýän dual mogusl bäsleşiginde kanadaly Mikael Kingsburi ýeňiji bolup, altyn medaly boýnuna dakdy. Ol 2018-nji ýylda mogusl ýaryşynda-da çempionlyk gazanypdy.

Zenanlaryň arasynda bigeýr ýaryşynda kanadaly Megan Oldam altyn medaly eýelese, Pekin 2022-niň çempiony Eilin Gu bu gezek kümüş medal bilen oňňut etmeli boldy. Ol Milan-Kortinada 2-nji kümüş medalyny gazandy. Eilin Gunuň Olimpiýa oýunlarynda gazanan medallarynyň sany 5-e ýetip, ol iň köp medally fristaýlçy bolmagy başardy.

● Skeleton boýunça erkekleriň arasynda Beýik Britaniýanyň türgeni Matt Weston umumylykda 3 minut 43,33 sekuntlyk görkeziji bilen ýeňiş gazandy. Ol bu ugur boýunça altyn medal gazanan ilkinji britaniýaly erkek türgen hökmünde hasaba alyndy. Germaniýaly türgenler Aleks Ýungk kümüş, Kristofer Groteer bürünç medala mynasyp boldy. Mundan 4 ýyl öňki Olimpiadada hem Ýungk kümüş medal gazanypdy. Groteer bolsa altyn medaly eýeläpdi.

Zenanlaryň arasynda awstriýaly Janin Flok altyn, germaniýaly türgenler – Suzanna Kreher kümüş, Jaklin Pfaýfer bürünç medal gazandy. Pekin 2022-niň çempiony, germaniýaly Hanna Naýze bu gezek 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

Ilkinji gezek Olimpiadanyň maksatnamasyna girizilen garyşyk jübütleýin ýaryşda britaniýaly Tabita Stoeker bilen Matt Weston altyn, germaniýaly Suzanna Kreher bilen Aksel Ýungk kümüş, olaryň watandaşlary Jaklin Pfaýfer bilen Kristofer Groteer bürünç medaly eýeledi.

● Bobslei boýunça erkekleriň arasyndaky jübütleýin ýaryşda germaniýaly türgenler 10-njy altyn medalyny gazandylar. Münberiň 3 basgançagynada germaniýalylar çykyp, Ýohannes Lohner bilen Georg Flaýşhauer altyn, mundan öňki 2 Olimpiadanyň çempiony Frančesko Fridrih partnýory Aleksander Şüller kümüş, Adam Ammur bilenem Aleksander Şaller bürünç medala mynasyp boldy.



Bobsleýiň Olimpiadanyň maksatnamasynda 2-nji gezek orun alýan zenanlaryň arasyndaky monobob görnüşinde amerikaly Elana Maýers Teýlor altyn, germaniýaly Laura Nolte kümüş, Pekin 2022-niň çempiony, amerikaly Keýli Hamfris bürünç medaly eýeledi.

● Tramplinden bökmek ýaryşynyň adaty tramplin görnüşinde erkekleriň arasynda germaniýaly Filipp Raýmund, polşaly Kasper Tomasiak kümüş medal gazandy. Ýaponiýaly Ren Nikaido bilenem şweýsariýaly Gregor Deşwanden bürünç medaly paýlaşdylar. Uly tramplin görnüşinde sloweniýaly Domen Prews altyn, ýaponiýaly Ren Nikaido kümüş, polşaly Kasper Tomasiak bürünç medal gazandy. Erkekleriň arasyndaky uly tramplin super topar ýaryşynda awstriýaly Ýan Hörl bilen Ştefan Embaher ýeňiji boldy.

Zenanlaryň arasynda adaty hem-de uly tramplin ýaryşlarynyň ikisinde-de altyn medaly norwegiýaly Anna Udine Ström gazanmagy başardy. Domen Prewsiň kiçi uýasy Nika Prews adaty tramplinde kümüş, uly tramplinde bolsa bürünç medala mynasyp boldy. Garyşyk toparlaýyn bäsleşikde sloweniýaly lyžaçylar münberiň iň ýokary basgançagyna çykdylar. Olar bu ugurda Norwegiýadyr Ýaponiýanyň türgenlerinden öňe saýlandy.

### MEDAL SANAWY (6–18-nji fewral aralygy)

| | ÝURTLAR | ALTYN | KÜMÜŞ | BÜRÜNÇ | JEMI |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NORWEGIÝA | 15 | 8 | 10 | 33 |
| 2 | ITALIÝA | 9 | 5 | 12 | 26 |
| 3 | ABŞ | 7 | 11 | 6 | 24 |
| 4 | FRANSIÝA | 6 | 7 | 4 | 17 |
| 5 | NIDERLANDLAR | 6 | 7 | 2 | 15 |
| 6 | ŞWESIÝA | 6 | 6 | 3 | 15 |
| 7 | GERMANIÝA | 5 | 8 | 8 | 21 |
| 8 | AWSTRIÝA | 5 | 8 | 4 | 17 |
| 9 | ÝAPONIÝA | 5 | 6 | 11 | 22 |
| 10 | ŞWEÝSARIÝA | 5 | 4 | 3 | 12 |
| 11 | KANADA | 4 | 4 | 6 | 14 |
| 12 | AWSTRALIÝA | 3 | 2 | 1 | 6 |
| 13 | BEÝIK BRITANIÝA | 3 | 0 | 0 | 3 |
| 14 | HYTAÝ | 2 | 3 | 4 | 9 |
| 15 | KOREÝA RESPUBLIKASY | 2 | 2 | 3 | 7 |
| 16 | ÇEHIÝA | 2 | 2 | 0 | 4 |
| 17 | SLOWENIÝA | 2 | 1 | 1 | 4 |
| 18 | BRAZILIÝA | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 19 | GAZAGYSTAN | 1 | 0 | 0 | 1 |
| 20 | POLŞA | 0 | 3 | 1 | 4 |
| 21 | TÄZE ZELANDIÝA | 0 | 2 | 1 | 3 |
| 22 | LATWIÝA | 0 | 1 | 1 | 2 |
| 23 | GRUZIÝA | 0 | 1 | 0 | 1 |
| 24 | FINLÝANDIÝA | 0 | 0 | 4 | 4 |
| 25 | BOLGARIÝA | 0 | 0 | 2 | 2 |
| 26 | BELGIÝA | 0 | 0 | 1 | 1 |

# GARAŞYLMADYK NETIJELER, ULY HASAPLY ÝEŇIŞLER

**«Galatasaraý» «Ýuwentusyň» derwezesinden 5 gol geçirdi**

● UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyryň duşuşyklaryna badalga berildi. Türkiýäniň «Galatasaraý» topary öz meýdançasynda Italiýanyň «Ýuwentus» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda janköýerler 7 goluň şaýady boldular. Oýnuň 15-nji minutynda Gabriel Sara ýer eýelerini öňe çykardy. Ýöne bary-ýogy 1 minutdan soň Teun Koopmeýners hasaby deňläp, ol 32-nji minutda ýene bir gezek tapawutlandy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy «Ýuwentusyň» 2–1 hasabyndaky üstünligi bilen tamamlandy. 2-nji ýaryma türk kluby erjellik bilen başlap, 49-njy minutda Noa Lang hasaby deňledi. 60-njy minutda Dawinson Sançesiň goly bilen «Galatasaraý» duşuşykda 2-nji gezek öňe saýlandy. 75-nji minutda Noa Long ýene bir goly turinlileriň derwezesinden girizdi. Duşuşygyň 86-njy minutynda Saşa Boeý owadan gol bilen oýna soňky nokady goýdy. 5–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Galatasaraý» 1/8 finala çykmak üçin uly mümkinçilik gazandy. «Galatasaraý» topary 1963-nji ýyldan bäri öz meýdançasynda italýan klublaryndan ýeňilmän gelýär. Şondan bäri geçiren 13 duşuşygynda «Ýuwentusy» 3, «Milany» 2, «Lasiony» 2 gezek ýeňmegi başardy. «Ýuwentus» topary bolsa 68 ýyldan soň Ýewropanyň ýaryşlarynda bir oýunda derwezesinden 5 gol geçirtdi. «Ýuwentus» taryhynda UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 2-nji duşuşygynda Awstriýanyň «Wiener» toparyndan myhmançylykda 7–0 hasabynda asgyn gelipdi.











**PSŽ-niň kembegi**

● UEFA Çempionlar Ligasynyň soňky çempiony PSŽ topary 1/8 finala çykmak üçin geçen möwsümdäki ýaly ýene-de fransuz kluby bilen bije çekişdi. Geçen ýylyň fewralynda «Brest» toparyny uly hasaplar bilen ýeňen parižlileriň bijesine bu gezek «Monako» topary düşdi. Duşuşyga ýer eýeleri «Monako» ýokary depginde başlap, Folarin Balogun 1-nji we 18-nji minutlarda toparyny 2–0 hasabynda öňe çykardy. Oýnuň 22-nji minutynda eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny Witinýa dürs urup bilmedi. Tejribeli tälimçi Luis Enrike toparynyň oýny bilen kanagatlanman, 27-nji minutda şol pursada çenli şowsuz çykyş eden Usman Dembeleniň ornuna Desire Dueni meýdança girizdi. Ýaş futbolçy 2 minutdan soň aratapawudy azaltsa, 41-nji minutda Aşraf Hakimi hasaby deňledi (2-2). 2-nji ýarymyň başynda «Monakodan» Aleksandr Golowiniň gyzyl kart almagy parižlileriň oýnuny hasam ýeňilleşdirip, Due 67-nji minutda PSŽ-ni öňe saýlady. 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan PSŽ 1/8 finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi.

**«Real Madrid» «Benfikany» 61 ýyldan soň ýeňmegi başardy**

● UEFA Çempionlar Ligasynda «Real Madrid» topary «Benfikany» myhmançylykda ilkinji, umumylykda-da 2-nji gezek ýeňmegi başardy. Pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýnunda Lissabonda «Benfikanyň» myhmany bolan «Real Madrid» 1–0 hasabynda ýeňiş bilen dolandy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýundaky ýeke-täk goly 50-nji minutda Winisius Junior owadan urgy bilen derwezä girizdi. Braziliýaly futbolçynyň golundan soň Winisius Junioryň «benfikaly» futbolçylar, şol sanda janköýerler bilen arasyndaky wakalar sebäpli oýun 10 minut töweregi saklandy. Duşuşygyň dowamynda «Benfika» toparynyň tälimçisi Žoze Mourinio gyzyl kart aldy. Netijede, iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanan «Real Madrid» topary 1/8 finala çykmak üçin artykmaçlyga eýe boldy. Iki topar liga tapgyryň iň soňky oýunlarynyň çäginde duşuşypdy we şonda «Benfika» 4-2 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Toparlar şu gezekki oýundan öň 4 gezek gabatlaşypdylar we şolaryň 3-sinde «Benfika» (5-3, 5-1, 4-2) ýeňipdi. «Real Madrid» bolsa ýeke-täk ýeňşini 1964/65 möwsüminde çärýek finalyň jogap oýnunda 2-1 hasabynda ýeňipdi.

**1-nji ýarymda 4 gol geçiren 2-nji futbolçy boldy**

● Azerbaýjanyň «Garabag» topary öz meýdançasynda «Nýukasly» kabul edip, uly hasap bilen asgyn geldi. 6–1 hasabynda utulan «Garabagyň» derwezesinden gollaryň 4-sini (2-si 11 metrlik jerime urgusyndan) Antoni Gordon geçirdi. Ol 3-nji, 32-nji (p), 33-nji hem-de 45+1-nji (p) minutlarda tapawutlandy. Antoni Gordon Çempionlar Ligasynyň çäginde 1 duşuşygyň 1-nji ýarymynda 4 gol geçiren 2-nji futbolçy bolup, ondan öň 2014/15 möwsüminde «Şahtýor Doneskiň» braziliýaly ýyldyzy Luiz Adriano şeýle statistikany gazanypdy. Duşuşykda «Nýukaslyň» beýleki gollaryny Malik Tşaw bilen Jeýkob Mörfi öz atlaryna ýazdyrdylar. Ýer eýeleri geçirden 6 golunyň diňe biriniň öwezini Jafargulyýewiň takyk urgusy bilen dolmagy başardy. Bu netijeden soň, «Nýukaslyň» 1/8 finaldaky 6-njy iňlis topary boljakdygyny bellesek, ýalňyş bolmaz.



**«Mançester Sitiden» soň «Interi» hem ýeňdi**

● Öz meýdançasyndaky oýunlarda ýeňmesi kyn toparlaryň biri bolan we ýaryşyň debýutanty «Bude-Glimt» Norwegiýada yklymyň güýçli klublaryndan «Interi» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleriniň gollaryny Sondre Fet (20), Peter Hauge (61) hem-de Kasper Hög (64) geçirip, italýanlardan ýaş hüjümçi Espositonyň (30) ýeke-täk goly ýeňşe ýetmedi. «Bude-Glimt» topary mundan öň Italiýanyň «Lasio», «Roma» klublaryny, şol sanda «Mançester Sitini» hem öz meýdançasynda utupdy.

**«Bundesliganyň» wekilleri bir ädim öňde**

● Germaniýanyň Dortmund şäherinde oýnalan «Borussiýa» bilen «Atalantanyň» arasyndaky duşuşykda ýer eýeleri 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollaryň 2-si hem 1-nji ýarymda derwezä girizilip, olary 3-nji minutda Serhu Girassi bilen 42-nji minutda Maksimillian Baýer öz atlaryna ýazdyrdylar.

Gresiýada ýerli «Olimpiakos» topary bilen Germaniýanyň «Baýer» topary duşuşyp, oýun myhmanlaryň peýdasyna 2–0 hasabynda tamamlandy. Lewerkuzenlilere ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 60-njy we 63-nji minutlarda Patrik Şik derwezä girizdi.

**Ýeňiji Madridde belli bolar**

● «Klub Brýugge» bilen «Atletiko Madridiň» arasyndaky oýunda janköýerler 6 gola gözli şaýat bolsalaram, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Çekeleşikli geçen oýunda ispan kluby ýeňşi soňky minutlarda elden giderdi. 1-nji ýarymda 2–0 hasabynda öňe saýlanan madridlileriň adyndan Hulian Alwares, Lukman hem-de Ordonýes (awtogol) tapawutlandy. Ýer eýeleriniň gollaryny bolsa Onýedika, Tresoldi hem-de Tzolis derwezä girizdi.

Pleý-off tapgyrynyň jogap oýunlary 24-25-nji fewralda geçiriler. 1/8 finalyň bijeleri bolsa 27-nji fewralda çekiler.

**GALATASARAÝ — ÝUWENTUS: 5–2**
/Sara 15, Long 49, 75, Sançes 60, Boeý 85 — Koopmeýners 16, 32/

**MONAKO — PSŽ: 2–3**
/Balogun 1, 18 — Due 29, 67, Hakimi 41/

**BENFIKA — REAL MADRID: 0–1**
/Winisius Junior 50/

**BORUSSIÝA DORTMUND — ATALANTA: 2–0**
/Girassi 3, Baýer 42/

**GARABAG — NÝUKASL: 1–6**
/Jafargulyýew 54 — Gordon 3, 32 p, 33, 45+1 p, Tşaw 8, J. Mörfi 72/

**KLUB BRÝUGGE — ATLETIKO MADRID: 3–3**
/Onýedka 52, Tresoldi 60, Tzolis 89 — Alwares 8 p, Lukman 45+4, Ordonýes 79 ö.d./

**BUDE-GLIMT — INTER: 3–1**
/Sondre Fet 20, Hauge 61, Hög 64 — Esposito 30/

**OLIMPIAKOS — BAÝER: 0–2**
/Patrik Şik 60, 63/